TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN ÖZÜNIŇ TEBIGY BAÝLYKLARYNY TÜRKMEN HALKYNYŇ, ŞEÝLE-DE BEÝLEKI SEBITLERIŇ HALKLARYNYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRMÄGE ÇALYŞÝAR WE BU BABATDA NETIJELI IŞLERI AMALA AŞYRÝAR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

30-njy awgust, 2024. Belgisi 35/1601

# ÝANGYÇ-ENERGETIKA PUDAGY ÖZARA GATNAŞYKLARYŇ ESASY UGRY

***26-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Dragon Oil» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Saýed Al Taýeri kabul etdi***

Myhman wagt tapyp kabul edendigi hemde ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ikiçäk söhbetdeşlikde ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny beýan etdi. Garaşsyz Türkmenistanyň ýeten belent sepgitleri Milli Liderimiziň ady bilen berk baglanyşyklydyr.

Döwlet Baştutanymyz işewüri myhmansöýer türkmen topragynda mübärekläp, şu gezekki saparyň çäklerinde geçiriljek duşuşyklaryň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar köp ýyllaryň dowamynda özara düşünişmek, ynanyşmak, hormat goýmak esasynda yzygiderli ilerledilýär. Häzirki wagtda ýurtlarymyzyň hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn esasda, şeýle hem BMG-niň, beýleki iri halkara guramalaryň çäklerinde alnyp barylýar.

Ýangyç-energetika pudagy Türkmenistan bilen BAE-niň özara gatnaşyklarynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz nebitgaz senagatynyň ýurdumyzyň iň depginli ösýän pudaklarynyň biridigini nygtady. Pudagy ösdürmegiň strategiýasy ýerli çig mal serişdelerini ulanmak arkaly milli ykdysadyýetimiz, eksport üçin önümleri öndürmäge gönükdirilendir. «Nebitgaz senagatyny ösdürmekde Birleşen Arap Emirlikleriniň baý tejribesi bar» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we BAE-niň öňdebaryjy kompaniýalary bilen bu ulgamda hyzmatdaşlyk etmegiň oňyn tejribesiniň toplanandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Duşuşygyň dowamynda bilelikdäki işiň toplanan baý tejribesini we ýangyç-energetika toplumyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça Türkmenistanyň meýilnamalaryny nazara almak bilen, köpýyllyk hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Nebitiň, gazyň gazylyp alynýan hem-de gaýtadan işlenilýän möçberini, ýurdumyzyň energiýa serişdeleriniň, taýýar nebit, gazhimiýa önümleriniň eksportyny artdyrmak milli ykdysadyýetimiziň bu möhüm pudagynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň hataryndadyr. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda işewürlik üçin döredilen amatly şertleri göz öňünde tutup, däp bolan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny belledi we türkmen tarapynyň kompaniýanyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny aýtdy.

Işewür bildirilýän ynam üçin hoşallygyny beýan edip, «Dragon Oil» kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen ýerine ýetirmegi üçin mundan beýläk-de ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we «Dragon Oil» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Saýed Al Taýer birek-birege hoşniýetli arzuwlaryny beýan edip, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## ŞANLY GARAŞSYZLYGYMYZYŇ ŞUGLASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzy, mähriban halkymyzy röwşen geljege, belent sepgitlere alyp barýan hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletimiziň baky berkararlygynyň hem-de halkymyzyň bagtyýarlygynyň mizemez kepili bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk baýramy uly dabaralara beslenip bellenilýär. Garaşsyzlyk baýramy gazanan üstünliklerimize buýsanç döredýän, şöhratly geçmişimize, nurana geljegimize ynamy goşalandyrýan beýik baýramdyr. Garaşsyzlyk

milletiň we döwletiň ykbalyna ägirt uly täsir edýän milli gymmatlyklarymyzyň naýbaşysydyr. Garaşsyzlyk baýramy pederlerimiziň wesýet eden ynsanperwer ýörelgeleriniň doly durmuşa geçirilýändiginiň, garaşsyz döwlet, adalatly jemgyýet hakynda ençeme asyrlap edip gelen arzuwlarynyň wysal bolandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Şu nukdaýnazardan, arşyň altyn şuglasyna, tylla Günüň nuruna deňelýän Garaşsyzlyk mukaddes düşünjedir. Çünki ykbaly çüwüp, bagty göterilen her bir ynsanda watançylyk duýgusyny ösdürýän bu keremli söz özünde ägirt uly many-mazmuny jemleýär. Merdana ata-babalarymyzdan bize miras galan eziz Watanymyzyň şöhratly geçmişine, şu gününe we beýik geljegine düýpli düşünmäge mümkinçilik berýän bu gudratly söz milletimiziň bagtyýarlygynyň gözbaşydyr. ■ 3

## HALK MASLAHATY – DÖWLETLILIGIŇ WE JEBISLIGIŇ NUSGASY

Şu günler eziz Diýarymyzda bagtyýar ulus-ilimiz beýik Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramçylygyny ajaýyp zähmet üstünliklerine beslemäge taýýarlyk görýär. Bu şanly senäniň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi geçiriler. Bu asylly ýörelge halkymyzyň milli döwletliligini, mertebesini has-da şöh-

ratlandyryp, Garaşsyzlygyň türkmen üçin mukaddesdigini, bahasyz gymmatlykdygyny, oňa bolan mizemez garaýşyny ýene-de bir ýola dünýä äşgär eder. Halk Maslahaty Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň we jemgyýetdäki durmuş gatlaklarynyň bähbitlerini sazlaşdyrmak bilen, ýurt derejesinde bilelikdäki hereketi guraýjy güýç hökmünde çykyş edýär. Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna beýik işleri durmuşa geçirýän Türkmenistanyň Halk Maslahaty barha berkidilýän milli döwletlilik ýörelgelerimizi bütin dünýäde dabaralandyrýar.

Halk Maslahaty ata-babalarymyzyň köp asyrlaryň dowamynda toplan taryhy tejribesini özünde jemleýär. Halkymyz hemişe ýaşuly nesle aýratyn hormat bilen garap, ilýurt bähbitli işlerde olaryň baý durmuş tejribesine daýanypdyr we maslahatly çözgütleri kabul edipdir. Täze taryhy döwrümizde hem döwletiň durmuşyndaky wajyp meseleler jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň wekilleri, şol sanda ýaşuly nesliň wekilleri bilen maslahatlaşyp çözülýär. Munuň özi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şöhratly ata-babalarymyzyň döwleti dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesine berk eýerilýändiginiň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň we durmuş-ykdysady maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, maslahatlary bermek, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň täze döwründe beýik özgerişler ýoly bilen depginli ösmegine, has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek, hyzmat etmek bolup durýar. ■ 2

## DÖWREBAP BILIM WE KÄMIL TERBIÝE

***Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaş nesle döwrebap derejede bilim hem-de terbiýe bermek babatdaky başlangyçlary, durmuşa geçirýän möhüm özgertmeleri öz miwesini eçilýär.***

Häzirki döwürde türkmen jemgyýetiniň barha kämilleşýän we döwrebaplaşýan şertlerinde ýurdumyzyň bilim ulgamynyň yzygiderli ösdürilmegi üçin dünýä tejribesiniň öňdebaryjy gazananlaryny özünde jemleýän bilim syýasaty üstünlikli alnyp barylýar. Şu maksat bilen ylmy-tehniki ösüşlere, iň täze tehnologiýalara, öňdebaryjy innowasiýalara daýanyp, bagtyýar ýaşlarymyzyň ýokary derejede bilim almagy, saýlan hünärleriniň eýesi bolmagy, watançylygyň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýelenmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär.

Täze 2024–2025-nji okuw ýylynyň başlanmagyna sanlyja günler galdy. Bu şanly güne çagalar baglaryna gatnaýan körpejelerden başlap, okuwçylardyr talyplar, ylym-bilim edaralarynyň işgärleri, mugallymlardyr terbiýeçiler, ata-eneler sabyrsyzlyk bilen garaşýar. Gahryman Arkadagymyzyň ylym-bilimiň ösüşleri babatda aýdan çuň manyly jümleleri her bir bilim işgäri üçin ýol görkezijidir. Ylym hem-de bilim adamzadyň bezegidir. Ähli döwürlerde beýik işler, beýik özgerişler ylmyň we bilimiň güýji bilen amala aşyrylypdyr. Ylma, döredijilige, zehine üns berilýän ýurt elmydama ösüşde, özgerişde, galkynyşda bolupdyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuň pähim-parasadynyň, taýsyz tagallalarynyň netijesinde berkarar Diýarymyz ylymlar we bilimler mekanydyr.

Geçen sanlyja ýylyň içinde ýurdumyzda ençeme täze döwrebap çagalar baglary, orta we ýörite orta, ýokary okuw mekdepleri, kitaphanalar guruldy, öňden bar bolanlary döwrebaplaşdyryldy, kämil tehniki enjamlar, kompýuterler we kitaplardyr gollanmalar bilen üpjün edildi. Şu günler bolsa ýurdumyzyň ähli umumybilim berýän orta mekdepleri, çagalar baglary täzeden abadanlaşdyrylyp, täze okuw ýylyna doly taýýar edildi. Owadan hem ýagty, doly enjamlaşdyrylan synp otaglary okuwçylardyr körpelere garaşýar. ■ 2

## Türkmenistan–BMG: ählumumy bähbitleri nazarlaýan hyzmatdaşlyk

**Türkmenistan 30 ýyldan gowrak wagt bäri Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly we işjeň agzasy hökmünde onuň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegine möhüm goşant goşmagyny dowam etdirip gelýär.**

**Parahatçylykly ýaşamagyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň, deňhukukly dialogyň ähmiýetini öňe sürýän Türkmenistan halkara giňişlikde hemişe netijeli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolup çykyş edýär. 2025-nji ýylda Bitaraplygyň 30 ýyllygyny dabaraly bellemäge, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň geljek ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamasyny durmuşa geçirmäge taýýarlyk görüp, Türkmenistan hyzmatdaşlar bilen işjeň gatnaşyklaryny dowam etdirer.** ■ 3

4

### ADALARDA deňiz derejesi beýgelýär

**Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş deňiz derejesiniň beýgelýändigini mälim etdi. Onuň sözlerine görä, bu ýagdaý Ýuwaş ummanyndaky ada ýurtlary üçin töwekgelçilik döredip biler.**

5

### KÖRPELERIŇ halaýan tagamy

**Şokolad körpeleriň iň halaýan tagamy bolsa gerek. Bu süýji iýmitiň ata Watany Meksika hasaplanýar. Taryhda ilkinji gezek 2600 ýyl ozal kokosdan şokolad öndürilip başlanýar.**

6

### «ÝUWAŞ GELNIŇ» gaýyn atasy

**Dünýäniň ýüzünde kesp-kär, hünär köp. Megerem şol kesp-kärleriň, hünärleriň takyk sanyny aýdyp biljek adam tapylmasa gerek.**



7

### XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA oýunlaryna badalga berildi

**Fransiýanyň paýtagty Parižde XVII tomusky Paralimpiýa oýunlaryna badalga berildi. Şäherdäki Konkord meýdanynda gatnaşýan ýurtlaryň paralimpiýa türgenleriniň uly şowhun bilen geçirilen açylyş dabarasy täsirli wakalara baý boldy.**

# DOSTLUKLY WE HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK GATNAŞYKLARY PUGTALANDYRYLÝAR

**28-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow iş sapary bilen Eýran Yslam Respublikasynda boldy. Saparyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz Prezident Masud Pezeşkian hem-de Beýik ruhy lider Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi bilen gepleşikleri geçirdi.**

**«Saadabad» toplumynyň «Jumhuri» köşgüniň merkezi girelgesiniň öňünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyny Prezident Masud Pezeşkian mähirli garşylady. Gahryman Arkadagymyz we Eýran Yslam Respublikasynyň Baştutany dostlarça salamlaşyp, köşge barýarlar. Bu ýerde iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasy boldy. Soňra bu ýerde çäkli düzümde duşuşyk geçirildi.**

### IKITARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYGYŇ HÄZIRKI ÝAGDAÝY BARADA PIKIR ALŞYLDY

Prezident Masud Pezeşkian türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowy mähirli mübärekläp we Eýrana sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, häzirki döwürde işjeň ösdürilýän döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejesini kanagatlanma bilen belledi. Şol gatnaşyklar dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýar. Eýranyň Baştutany ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ägirt uly goşant goşýan türkmen halkynyň Milli Lideri bilen duşuşýandygyna hem-de netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ýollary barada pikir alyşmaga örän şatdygyny nygtady. Häzirki gepleşikleriň örän wajypdygy barada aýdyp, onuň iki goňşy döwletiň gatnaşyklarynda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz doganlyk ýurduň Baştutanyna türkmen wekiliýetine bildirilen ýokary derejedäki myhmansöýerlik, işlemek üçin döredilen şertler üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi we Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan hem-de öz adyndan Masud Pezeşkiany Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti wezipesine saýlanylmagy mynasybetli gutlady we alyp barýan döwlet bähbitli işlerinde üstünlikleri arzuw etdi. Pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Prezident Masud Pezeşkiana döwlet Baştutanymyzyň salamyny hem-de iň gowy arzuwlaryny ýetirip, özüne amatly bolan wagtda Türkmenistana resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylyk hatyny gowşurdy.

Eýran Yslam Respublikasynyň Baştutany hormatly Prezidentimize iberen salamy we hoşniýetli sözleri üçin hoşallygyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, çakylyk üçin sagbolsun aýtdy hem-de özi üçin amatly wagtda Türkmenistana sapar bilen baryp görjekdigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda Masud Pezeşkian türkmen halkynyň Milli Liderine pars diline terjime edilen «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitaby sowgat berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow pars diline terjime edilen «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitaby minnetdarlyk bilen kabul edip, ony türkmen halkyna gymmatly sowgat, biziň enelerimize belent sarpanyň nyşany hökmünde garaýandygyny belledi.

Soňra söhbetdeşler özara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy, ony mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň geljegi barada pikir alşyp, söwda-ykdysady ulgamy Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezdiler.

Şunda gaz pudagy ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde bellenildi. Biziň ýurtlarymyz uzak ýyllaryň dowamynda bu ugurda hyzmatdaşlyk edýär. Onuň çäklerinde Eýrana we onuň üsti bilen «swap» görnüşinde beýleki ýurtlara türkmen tebigy gazy iberildi diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy hemde Türkmenistanyň bu işleri has giň gerimde dowam etdirmäge taýýardygyny tassyklady. Ýakyn geljekde şeýle usulda Yrak Respublikasyna-da türkmen tebigy gazynyň iberiljekdigi bellenildi. Şunuň bilen bir hatarda, Halk Maslahatynyň Başlygy Eýrana iberilýän türkmen tebigy gazynyň möçberini her ýylda 40 milliard kub metre çenli artdyrmak babatda tagallalaryň edilýändigini aýdyp, bu ugurda eýran kompaniýalary bilen taslamalary we işleri bilelikde amala aşyrmagy teklip etdi.

Beýleki bir möhüm ugur elektroenergetika pudagy bilen baglanyşyklydyr. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda biziň ýurtlarymyz bu pudakda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Türkmen elektrik energiýasynyň Balkanabat – Gonbat we Şatlyk – Sarahs ugurlary boýunça Eýrana iberilýändigi munuň aýdyň mysalydyr. Şeýle hem Mary – Maşat elektrik geçirijisiniň türkmen böleginiň taslamasy boýunça eýran kompaniýalary bilen deslapky işleriň ýerine ýetirilýändigi barada aýdyldy.

Üçünji ugur ulag ulgamy bilen baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bu ugurda eýran tarapy bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirmäge taýýardygy tassyklanyldy. Gahryman Arkadagymyz ýol gurluşygy boýunça bilelikde işlemek hakynda aýdyp, bu ýerde gürrüňiň türkmen-eýran serhedinden Türkmenistanyň Etrek we Gumdag şäherlerine çenli uzajak awtomobil ýolunyň gurulmagy barada barýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, agzalan taslamany amala aşyrmak boýunça degişli Ähtnamanyň esasynda deslapky işleriň ýerine ýetirilýändigine üns çekildi.

Milli Liderimiz bu ileri tutulýan ugurlarda meýilleşdirilýän bilelikdäki işleri ýakyn wagtda durmuşa geçirmäge başlamagy teklip edip, munuň üçin zerur bolan ähli mümkinçilikleriň we şertleriň bardygyny aýtdy.

Şeýle-de, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň Türkmenistana resmi saparyny mümkin bolan gysga wagtda guramak boýunça degişli işleri geçirmegi teklip etdi. Munuň özi täze taslamalary amala aşyrmak bilen bagly ähli meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berer.

### DÖWLETARA HYZMATDAŞLYGYŇ GIŇ MESELELERINE GARALDY

Soňra gepleşikler giňişleýin düzümde dowam etdi. Gün tertibine ikitaraplaýyn görnüşde, iri halkara guramalaryň çäklerinde döwletara hyzmatdaşlygyň giň meseleleri girizildi.

Prezident Masud Pezeşkian türkmen halkynyň Milli Liderini we Türkmenistanyň uly wekiliýetini kabul edýändigine şatdygyny belläp, Eýranyň köpýyllyk netijeli gatnaşyklaryň goldawlary üçin eýran tarapyna minnetdarlyk bildirýäris diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri sözüni dowam etdi. Eýran Yslam Respublikasy şu güne çenli Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ýurdumyzyň teklipleri esasynda 26 sany Kararnamanyň kabul edilmegine uly goldawlaryny bermek bilen, olaryň köpüsiniň awtordaşlarynyň hatarynda çykyş etdi.

Häzirki döwrüň derwaýys meseleleri boýunça pikir alyşmagyň çäklerinde taraplar halkara meselelerde mundan beýläk-de bilelikde işlemäge meýilliklerini tassykladylar. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda halkara howpsuzlyk meselesi dünýä syýasatynyň wajyp mowzuklarynyň hatarynda durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek işine goşant goşmak ugrunda uly tagalla edýändigi nygtaldy. Hususan-da, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda ýurdumyzyň öňe süren Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmek baradaky başlangyjynyň wajypdygyna üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, Halk Maslahatynyň Başlygy bu teklibiň durmuşa geçirilmegi babatda eýran tarapynyň öz goldawlaryny berjekdigine ynam bildirdi. Türkmen tarapy hem, öz gezeginde, Eýranyň halkara ähmiýetli başlangyçlaryny goldaýar we goldamagyny dowam etdirer diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada durup geçip, ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň möçberiniň ýokary derejelere eýe bolandygyny kanagatlanma bilen belledi. 2024-nji ýylyň birinji ýarymynda bu görkeziji, geçen ýylyň degişli döwrüne görä, has-da ýokary boldy. Özara söwdanyň möçberini ýokarlandyrmak üçin degişli çäreleri geçirmegiň maksadalaýyk boljakdygy aýdyldy we ikitaraplaýyn esasda iberilýän önümleri we harytlary artdyrmak teklip edildi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz bu işlere hususy kompaniýalary işjeň gatnaşmaga çagyrdy.

Gaz pudagy ykdysady hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biridir diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady we türkmen tarapynyň Eýrana iberilýän gazyň möçberini her ýylda 40 milliard kub metre çenli artdyrmagy göz öňünde tutýandygyny belledi. Bu maksada ýetmek üçin bar bolan gaz geçiriji infrastrukturany täzelemek, täze desgalary gurmak we munuň üçin maýa goýmak zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň çäginde iki sany täze gaz gysyjy desgany we 125 kilometrlik täze gaz geçirijini gurmagyň meýilleşdirilýändigi aýdyldy. Munuň özi Eýrana iberilýän türkmen tebigy gazynyň goşmaça möçberini «Çaloýuk» gaz ölçeýji desgasyna çenli akdyrmaga mümkinçilik berer. Bu baradaky gürrüňiň dowamynda ýakyn geljekde «swap» usuly arkaly türkmen tebigy gazyny Yrak Respublikasyna we soňra Türkiýä ibermegiň göz öňünde tutulýandygy aýdyldy.

Taraplaryň pikirine görä, elektroenergetika pudagy hem özara hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly itergi berýär. Bu ugurda bilelikdäki işiň köpýyllyk tejribesi toplandy. Biz elektroenergetika pudagynda hyzmatdaşlygy has-da berkitmek ugrunda tagalla edýäris diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy aýtdy we bu babatda möhüm taslama bolan Mary – Maşat elektrik geçirijisiniň türkmen böleginiň gurluşygynyň ähmiýetini belledi. Güýjenmesi 500/400 kilowolta barabar bolan bu elektrik geçiriji Mary şäherinden başlap, Sarahsa we ol ýerden türkmen-eýran serhedine çenli uzalar. Onuň türkmen-eýran serhedine çenli uzynlygy 155 kilometre deň bolar.

Taraplaryň belleýişleri ýaly, ulag ulgamy hem ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Şunda ulaglar babatda Eýran bilen özara hereketleri pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýändigi nygtaldy. Hususan-da, ýük gatnawlarynyň artdyrylmagy möhüm wezipe bolup durýar. Gahryman Arkadagymyz we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti ýurtlarymyzyň awtomobil ýollaryny gurmak babatda hyzmatdaşlygyň gowy tejribesini toplandygyny kanagatlanma bilen belläp, bu ugurdaky gatnaşyklary pugtalandyrmagyň zerurdygyny nygtadylar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideriniň geçen ýylyň maýynda Eýrana bolan resmi saparynyň dowamynda türkmen-eýran serhedinden Türkmenistanyň Gumdag şäherine çenli awtomobil ýoluny gurmak barada ylalaşygyň gazanylandygyna üns çekildi. Uzynlygy 242 kilometre deň bolan bu ýoluň gurluşygyna eýran kompaniýalarynyň gatnaşmagy teklip edildi. Geçen ýylyň noýabrynda Aşgabatda iki ýurduň degişli edaralarynyň arasynda agzalan awtomobil ýoluny gurmak boýunça hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekilipdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy demir we awtomobil ýollary arkaly ikitaraplaýyn ýük gatnawlaryny artdyrmagyň zerurdygyny belledi. Gahryman Arkadagymyz «Sarahs» we «Inçeburun» demir ýol geçiriş nokatlaryndan geçýän harytlaryň möçberini köpeltmegi teklip edip, ýurdumyzyň bu ugurda eýran tarapy bilen bilelikde işlemäge taýýardygyny tassyklady. Milli Liderimiz häzirki wagtda Gazagystan – Türkmenistan – Eýran demir ýolunyň işjeňligini ýokarlandyrmak we bu ugur boýunça geçýän awtomobil ýoly arkaly ýük gatnawlarynyň möçberini artdyrmak maksady bilen, üçtaraplaýyn esasda işlemegi teklip etdi. Bu hereketleri amala aşyrmak üçin ýurtlarymyzyň kompaniýalaryny işe çekmek ýerlikli bolar diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy.

Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga aýratyn üns çekip, Ermenistan – Eýran – Türkmenistan – Gazagystan üstaşyr ulag geçelgesi boýunça ýük daşamak we bu ugry netijeli peýdalanmak babatda teklipleri beýan etdi. Şeýle-de, taraplar ýokarda agzalan strategik taýdan ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirmek bilen bagly işleri has-da berkitmek üçin Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-eýran hökümetara toparynyň işini güýçlendirmegiň maksadalaýykdygyna ünsi çekdiler.

Medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy giňeltmek meselesine aýratyn orun berildi. Şunda özara Medeniýet günleriniň geçirilmeginiň uly ähmiýete eýedigi bellenildi.

Gahryman Arkadagymyz türkmen halkynyň beýik ogly, Gündogaryň meşhur şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýi mynasybetli şu ýylyň maýynda Eýranda bilelikdäki medeni-köpçülik çäreleriniň guralandygy üçin eýran tarapyna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanda we daşary ýurtlarda bu şanly senä bagyşlanan çäreleriň geçirilmegi dowam etdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz öz adyndan we Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentini Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda geçiriljek döwlet we hökümet Baştutanlarynyň halkara forumyna gatnaşmaga çagyrdy. Çakylyk hoşallyk bilen kabul edildi.

### IKITARAPLAÝYN RESMINAMALARA GOL ÇEKILDI

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, taraplar dürli ulgamlarda, hususan-da, ileri tutulýan ugurlarda döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmäge taýýardyklaryny tassykladylar. Soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Gol çekilen resminamalaryň hatarynda «Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2025-2026-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlyk etmek hakynda Maksatnama», Türkmenistanyň Türkmenbaşy Halkara deňiz porty bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Amirabad portunyň arasynda doganlyk port gatnaşyklary barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama, tebigy gaz babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Eýranyň Milli gaz kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama, «Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük edarasynyň arasynda hyzmatdaşlygyň geljekde çuňlaşdyrylmagy we giňeldilmegi boýunça bilelikdäki çäreleriň 2025-2026-njy ýyllar üçin Maksatnamasy» bar.

* * *

Günüň ikinji ýarymynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Beýik ruhy lideri bilen duşuşdy. Duşuşygyň barşynda söhbetdeşler dürli ugurlarda, hususan-da, nebitgaz, elektroenergetika, ulag pudaklarynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de berkitmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdylar. Şunuň bilen baglylykda, täze taslamalary durmuşa geçirmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

## DÖWREBAP BILIM WE KÄMIL TERBIÝE

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan kemala gelen umumadamzat ähmiýetli taglymatlar, parasatly öwüt-nesihatlar, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan beýik işler ýaş nesliň bilim-terbiýe almagyna, hünär öwrenmegine, döredijilige ugrukmagyna, Watana, halka, milli ýörelgelerimize ygrarly bolup kemala gelmegine ýardam berýär. Gahryman Arkadagymyzyň 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda geçiren umumy sapagy bilim ulgamynyň işgärleri, mugallymlar we terbiýeçiler, ata-eneler, tutuş jemgyýetimiz üçin göreldelik we terbiýeçilik ähmiýete eýedir.

Täze okuw ýylynda hem Gahryman Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nusgalyk işleriniň mysalynda ýaş nesle milli terbiýeçilik däpleriniň iň gowy nusgalary esasynda watançylyk terbiýesi berlip, bu babatda netijeli işler alnyp barlar.

**Gülşirin ATAGELDIÝEWA,**
*Ahal welaýatynyň Tejen etrap polisiýa bölüminiň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça bölümçesiniň müdiri, polisiýanyň maýory.*

## Ýerasty seýilgähe 680 müň myhman barýar

Rumyniýada 120 metr çuňlukda ýerleşýän ýerasty seýilgäh her ýylda 680 müň töweregi myhman kabul edýär. «Salina Turda» atly bu gowakdan irki döwürlerde duz çykarylypdyr. Seýilgähiň içinde onuň ähli ýerini synlamaga mümkinçilik berýän aýlanýan çarh, çagalar üçin oýun meýdançasy, kiçi golf meýdançasy, bowling meýdançasy we beýlekiler bar. Bu bolsa, bu ýere gelýän dürli ýaşdaky adamlaryň medeniýetli dynç almagyna mümkinçilik döredýär. Mundan başga-da, gaýykly gezelenç etmek üçin köl, 180 orunlyk amfiteatr bar. Dünýäniň iň täsin syýahatçylyk nokatlarynyň biri hasaplanýan ýerasty seýilgähe giriş tölegli.

**Şasenem ALLABERDIÝEWA,**
*Ak bugdaý etrabyndaky ýöriteleşdirilen 8-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## HALK MASLAHATY – DÖWLETLILIGIŇ WE JEBISLIGIŇ NUSGASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Halk Maslahaty döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň berk köprüsi bolmak bilen, döwlet ösüşiniň iň möhüm wezipeleri, jemgyýetçilik durmuşynyň döwrüň talaplaryna görä özgerdilmeginiň ugur-ýollary baradaky anyk çözgütleri kabul etmegiň münberi bolup durýar. Bu umummilli forumyň mejlislerine gatnaşýan ýaşulular, ýaşlar, jemgyýetiň dürli gatlaklaryna wekilçilik edýän adamlar berkarar döwletiň ösüş ýollarynyň täze wezipelerine çuň düşünmek bilen, olary ýerine ýetirmegiň jogapkärçiligini ýürekden duýup, halkyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekde, nesilleriň ygtybarly geljegini berk binýadyny döretmekde döwletimiziň mümkinçilikleriniň uludygyna göz ýetirýärler.**

**Halk Maslahatynyň işi jemgyýetçilik pikiriniň hasaba alynmagyna esaslanyp, döwletimizi syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürmäge degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga, içeri we daşary syýasaty halkymyza düşündirmäge, wagyz etmäge hem-de durmuşa geçirmäge ýardam berýär. Jemgyýeti jebislesdirmekde, döredijilikli, işjeň we özgerdiji işe ruhlandyrmakda onuň omy uludyr. Şoňa görä-de, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk toýunyň bosagasynda Aşgabat şäherinde geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisi şanly ýylyň şöhratly wakalarynyň üstüni ýetirer.**

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy ählitaraplaýyn ösdürmäge gönükdirilen durmuş-ykdysady özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär, halk hojalygynyň ähli ugurlarynda belent sepgitlere ýetilýär, ajaýyp üstünlikler gazanylýar, halkymyzyň durmuş derejesi barha ýokarlanýar. Ýakynda boljak Halk Maslahatynyň mejlisinde döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşyna degişli wajyp meselelere garaljakdygyna, munuň bolsa döwletimiziň bedew batly ösüşlerine has-da rowaçlyk berjekdigine berk ynanýarys.**

**Ogulmeňli ANJYKOWA,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň kompýuter ulgamlary we torlary kafedrasynyň mugallymy.***

## ARZUWLARA ATARÝAN AK ÝOL

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk baýramynyň bellenilmegi halkymyzyň her bir toýdur baýramynyň, şanly wakalarynyň goşa-goşadan gelýändigini añladýar.

Şeýle şatlykly wakalaryň täsiriniň astynda maňa-da bagtyýar döwrümiziň bagtly talyby bolmak miýesser etdi. Daşoguz şäherindäki iňlis dili, himiýa, biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 26-njy orta mekdebi tamamlap, eziz Diýarymyzda iň baýry ýokary okuw mekdepleriň biri bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň seçip alyş toparyna resminamalarymy tabşyrdym. Talapkär mugallymlaryň adalatly bahasyna mynasyp bolup, talyp diýen mukaddes ada eýe bolanym üçin begenjimiň çägi ýok.

Biziň bilim alan ojagymyz bolan Daşoguz şäherindäki iňlis dili, himiýa, biologiýa dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 26-njy orta mekdebi iňlis dili, himiýa, biologiýa derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdep bolmak bilen, Daşoguz welaýatynda iň öňdebaryjy mekdepleriň biri hasaplanýar. Mekdebimizde tejribeli mugallymlar zähmet çekýärler. Olar ýaş nesillere bilimleri ýokary derejede öwredýärler. Şonuň üçinem mekdebimiziň ýokary synp okuwçylarynyň ençemesi welaýat, döwlet derejelerinde geçirilýän ders, internet bäsleşiklerinde ýeňiji bolmak bilen, halkara derejesindäki bäsleşiklere-de gatnaşyp, üstünlikli çykyş edýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň aladalary netijesinde mekdebimiz welaýatymyzda ilkinji bolup ÝUNESKO-nyň assosirlenen mekdepleriniň toruna girdi. Bu bolsa, bize halkara derejesinde berilýän bilimler bilen ýakyndan tanyşmaga we bilimlerimizi has-da ösdürmäge şert döretdi.

Men sapaklarymdan daşary mekdebimiziň tejribeli türkmen dili we edebiýaty mugallymy Batyr Hojaýewiň ýolbaşçylygyndaky edebiýat gurnagyna gatnaşyp geldim. Mugallymymyz bize gurnakda goşgy, eser ýazmagyň düzgünlerini öwredýärdi. Gurnaga gatnaşýan okuwçylaryň ýazýan goşgularyna, hekaýadyr makalalaryna seljerme berilýär. Bu bolsa bize döredijilik işi bilen meşgullanmaga höwes döredýär.

Ady agzalan mekdebimizde mähriban ene dilimiz bilen birlikde rus, iňlis, ýapon dilleriniň kämil derejede öwredilmegi mende iňlis dili mugallymy bolmak höwesini oýardy. Ýaşlygymdan eden arzuwymyň hasyl bolmagy meniň üçin goşa guwanç, buýsançdyr. Arzuwlara atarýan ak ýolumyzda biz ýaşlara okamaga, bilimimizi artdyrmaga, döredijilik işi bilen yzygiderli meşgullanmaga, milli sungatymyzyň ince syrlaryny ele almaga giň mümkinçilikler, şertler döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsunymyzy aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

**Arzuw KAKYŞOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň 1-nji ýyl talyby.*

## 900 müň domino bilen rekord goýdy

Niderlandlaryň Wenendal şäherinde domino daşlary bilen täze rekord goýuldy. Ýurduň höwesjeň dominoçy topary 900 müň dominony düzüp çykdy. Dominolar belli bir tertipde düzülenden soňra ýykyldy. Dominolaryň ýykylyşy 10 minuta çekdi. Az sanly domino daşy ýykylman galdy. Mundan ozalky rekord hem 700 müň domino bilen şol topara degişli eken. Emma professional dominoçylaryň arasyndaky dünýä rekordy 4 million 491 müň 863 domino daşy bilen başga bir topara degişli. Höwesjeň dominoçylar mundan soňra 1 million domino daşy bilen täze rekord goýmakçy bolýarlar. Topar 14 ýyldan bäri çäreler geçirip, şeýle rekordlary goýýar.

**Mähri HOJABERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Ak bugdaý etrap geňeşiniň işjeň agzasy.*

## Tanyşdyryljak senesi belli boldy

**Dünýäniň iri tehnologiýa kompaniýasy bolan «Apple» her ýylyň güýz aýlarynda täze enjamlaryny tanyşdyrýar. Kompaniýa smartfonynyň nobatdakysy bolan «iPhone 16»-nyň 9-njy sentýabrda tanyşdyryljakdygyny mälim etdi. Täze telefon bilen bir hatarda «akylly» enjamyň amaly ulgamy bolan «iOS 18» hem peýda bolar. Telefonyň 16-njy seriýasynyň iň uly täzeligi ähli nusgalarynda «Capture» düwmesi bolar. Bu düwme arkaly surata we wideo düşürip, ýakynlaşdyryp, şekildäki gerek ýeriňi durlap bolýar.**

**«iPhone 16 Pro» 6,3 dýuým, «Pro Max» modeliniň bolsa 6,9 dýuým bolmagyna garaşylýar. Bu bolsa täze tapgyryň ozalkylardan has uludygyny görkezýär. «A18 Pro» amaly ulgamy bolsa, emeli aň bilen bagly tehnologiýalar arkaly has sazlaşykly işlär. Telefonyň «Pro» görnüşlerinde 48MP durulygynda ultra giň kameranyň bolmagyna garaşylýar. Telefonyň gara, ak, ýaşyl, sary, gülgün, gök we benewşe reňkli görnüşleriniň boljakdygy bellenilýär.**

**Merjen ANNAGELDIÝEWA,**
***Gökdepe etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň iňlis dili mugallymy.***

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 30-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114667

Belgisi: 35/1601
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ŞANLY GARAŞSYZLYGYMYZYŇ ŞUGLASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Garaşsyzlyk ýurt berkararlygymyzyň sarsmaz sütünidir, erkanalygymyzyň mäkäm binasydyr. Garaşsyzlyk milletimize egsilmez güýç beräýän, nesillere ynam beräýän gudratdyr. Ine, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şu aýratynlyklary barada oýlananyňda kalbyňy: «Garaşsyzlyk – ykbaly göterilen türkmeniň bagtynyň al-asmanda ganat ýaýmasy!» diýen buýsançly owaz gaplap alýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň tyllaýy säherinden başlanýan toýdur baýramlara beslenýän bagtyýar, bagtly, şatlykly günlerimiz biri-birine zynjyr kimin sepleşip, her bir türkmenistanlyny bagtly geljegine sary ynamly alyp barýar. Bagt ýollaryndan batly gadamlar bilen barýan türkmen halkynyň ykbaly mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde tanalmaz derejede özgerdi.

Şöhratly Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden ýurdumyz parahatçylygy, dost-doganlygy dabaralandyrýan oňyn Bitaraplyk ýoluny saýlap almak bilen, dünýä döwletleri, halkara guramalar bilen özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýdy. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Garaşsyz ýurdumyzyň daşary syýasatynyň özenini düzdi. Garaşsyzlygy bilen hemişelik Bitaraplygyny goşa ganatyna öwren türkmen döwleti asyrlara barabar ösüşleri gazanyp, dünýä jemgyýetçiligini haýrana goýýar. Garaşsyz türkmen döwletiniň ykdysady galkynyşy türkmen gudraty ady bilen taryha girýär.

Garaşsyz Watanymyzyň iň täze taryhy, gazanýan üstünliklerimiziň hem-de ösüşlerimiziň ählisi mukaddes Garaşsyzlygymyzdan gözbaş alýar. Taryh üçin gysga bolan döwürde ata Watanymyz Türkmenistan ösüşiň demokratik ýolu-

na gyşarnyksyz eýerýändigini, dünýäniň ähli döwletleri bilen deňhukukly, dostlukly gatnaşyklara, iki tarapa-da bähbitli hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny tassyklady. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyz kuwwatly we abadan döwlet hökmünde dünýädäki abraýyny has-da berkidip, dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulyp, halkara jemgyýetçiliginiň deňhukukly agzasyna öwrüldi. Garaşsyz Watanymyz ygtybarly, açyk, howpsuzlygy kepillendirýän hyzmatdaşa, parahatçylygyň merkezine öwrülen, umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürýän döwlete öwrüldi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Diýarymyzyň obadyr şäherçelerini, etrap merkezlerini, şäherlerini synlanyňda ertelerimiziň nurana, geljegimiziň ýagty boljakdygyna ynamymyz has-da berkeýär. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän giň gerimli özgertmeleri, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň sanlylaşdyrylmagy döwletimiziň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün edip, halkymyzyň hal-ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrýar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şöhratly ýyllary içinde milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagynyň netijesinde ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek diňe bir umumymilli we sebitleýin ähmiýetli däl-de, eýsem, halkara ähmiýetiniň artjakdygyny mälim etdi. Gözlegleriň netijelerine görä, PwC kompaniýasy emeli aňyň global jemi içerki önümi takmynan 14%, başgaça aýdylanda, takmynan 15,7 trillion dollar möçberinde ýokarlandyrjakdygyny öňe sürýär. Ykdysadyýeti ösen 12 sany döwlet boýunça «Accenture» kompaniýasy tarapyndan 2016-njy ýylda geçirilen gözleg işleriň netijesine görä, emeli aňyň 2035-nji ýyla çenli global ykdysady ösüş depginini iki esse artdyryp biljekdigi çaklanylýar.

Işewürler emeli aň esasly tehnologiýalary ulanmagyň geljekde üstünlik gazanmak üçin möhüm şert boljakdygyny belleýärler. Şeýle hem emeli aňyň ulanylmagy bäsdeşlige ukyplylygy artdyrar diýlip hasaplanýar. Emeli aňdan peýdalanýan kompaniýalaryň ýolbaşçylary öndürijiligiň artmagy bilen öz girdejilerini ýokarlandyrmagy üpjün edýärler. Bu netijeler işewürlik dünýäsiniň emeli aň tehnologiýasynyň ähmiýetine düşünmeginiň görkezijisi hökmünde kabul edilip bilner. «Senagat 4.0» diýlip atlandyrylýan we önümçilikde adam zähmetini azaldyp, arzan işçi güýjüni ulanýan kärhanalar ulgamlarynda emeli aňyň möhüm orny bardyr. Bu ulgamlarda üpjünçilik zynjyryndan önümçilige, hat-da müşderiniň önümçilikden soňky sarp ediş döwrüne çenli bolan proseslere gözegçilik etmek hem mümkindir.

«Emeli aň» düşünjesiniň özi hakynda gürrüň edilende «emeli» sözüniň manysy gelip çykyşy boýunça tebigy däl zady, ýagny adamyň öz eli bilen döreden zatlaryny aňladýar. «Aň» sözüni ýönekeý usul bilen düşündirmek kyn. Sözlüklerde onuň manysy dürli görnüşde aňladylýar. Meselem «aň» - karar kabul edip bilmek ukyby, düşünmek ukyby ýaly düşündirişlerden başga-da «bilmek, göz ýetirmek, deňeşdirmek ýa-da toplanan tejribeleriň netijesinde täze ýagdaýlara uýgunlaşmak» ýaly manylarda hem gelýär. Ylmy taýdan «emeli aň» düşünjesi ilkinji gezek 1956-njy ýylda Stenford uniwersitetinde geçirilen ylmy maslahatda iňlisçe «artificial intelligence» (AI) görnüşde giň ylmy köpçülige ýetirilipdir we şondan soňra bu barada alymlar gyzyklanyp başlapdyrlar.

**Ýaz myrat ATDAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

dyrylmagyny, senagatyň we halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň tilsimat taýdan täzeden enjamlaşdyrylmagyny üpjün etdi.

Ýurdumyzda ykdysady özgertmeler «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy:

Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasy» esasynda durmuşa ornaşdyrylyp, toplumlaýyn we köpugurly häsiýete eýedigi bilen tapawutlanýar. Bu Maksatnama laýyklykda, halk hojalygynyň netijeliligini hemmetaraplaýyn ýokarlandyrmak ýurdumyzyň içerki bazarlarynda uly islegden peýdalanýan we dünýä bazarynda bäsleşige ukyply önümçiligi döwrebap ösdürmek, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny deňeçer ösdürmek, olary çig mallyk maksatlardan taýýar önüm öndürmäge ugrukdyrmak, senagatda we oba hojalygynda gaýtadan işleýän önümçilikleri ösdürmek, transmilli ulag aragatnaşyklaryny, ykdysadyýetiň erkin telekeçilik zolaklaryny, halkara syýahatçylyk zolaklaryny döretmek arkaly ýurduň amatly geosyýasy ýagdaýyny pugtalandyrmak, ýurduň ykdysadyýetini dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşmak maksat edinilýär. Öňde goýlan belent maksada ýetmek, döwrebap wezipelere amal etmek boýunça diwersifikasiýalaşdyrmak we düzüm taýdan üýtgedip gurmak, industrial-innowasion taýdan ösdürmek esasynda ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, senagat we oba hojalyk önümçiligini intensiw ösdürmek, gaýragoýulmasyz durmuş meselelerini çözmek arkaly ýurduň sebitlerini durmuş-ykdysady taýdan yzygiderli ösdürmek, halk hojalygyny dolandyrmagyň tutuşlaýyn, çeýe we netijeli ulgamyny döretmek, pul-karz, salgyt-bujet we nyrhlar syýasatyny kämilleşdirmek, ykdysadyýeti maliýe taýdan sagdynlaşdyrmak ýaly esasy ugurlar boýunça işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan giň gerimli işler, durmuşa ornaşdyrylýan halk bähbitli Kararlar ýurdumyzyň ähli sebitlerini deň derejede, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen kabul edilen il-ýurt bähbitli maksatnamalar, hormatly Prezidentimiziň adam hakyndaky alada ýugrulan Permanlarydyr Kararlary merdana halkymyzy täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Çünki, bu sahawatly çözgütler ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda düýpli ösüşleri gazanmakda, dünýä bazarynda bäsleşige ukyply önümleri öndürmekde, ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrmakda bahasyna ýetip bolmajak çözgütlerdir. Durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijelerini synlanymyzda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň mähriban halkymyza we Garaşsyz Watanymyza bolan egsilmez söýgä ýugrulan taglymatdygyna doly göz ýetirýäris. Bu taglymatyň aýratyn hem ýaşlarda iň asylly häsiýetleri – watansöýüjiligi, ahlak arassalygyny, ruhubelentligi terbiýelemäge we bilesigeliji bolmaga çagyrýan taglymatdygy guwandyryjy hakykatdyr.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň nurana şuglasy astynda parahatçylyk söýüji, hoşniýetli we ynsanperwer ýörelgelere eýerýän, özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmegi ileri tutýan Watanymyzyň dünýädäki at-abraýy barha ýokarlanýar. Garaşsyz, Diýarymyz Ýer ýüzüniň halklarynyň dost-doganlyga, abadançylyga, parahatçylyga ymtylýan döwründe diňe milli bähbitlerimize däl, eýsem, halkara bileleşiginiň ählumumy maksatlaryna laýyk gelýän giň hyzmatdaşlyk syýasatyny ýöredýän hemişelik Bitarap döwletdir. Garaşsyz döwletimiz dünýäniň ösüşiniň täze şertlerini, milli we umumadamzat bähbitlerini nazara alyp, abraýly halkara guramalary bilen köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barýar.

**Aýjeren TAGANDURDYÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# Robototehnika we emeli aň

«Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» aýratyn ähmiýete eýe bolup, ondan gelip çykýan wezipeleri amala aşyrmakda tehnologiýanyň häzirki zaman hemde öňdebaryjy çözgütlerini durmuşa ornaşdyrmak möhüm bolup durýar. Munda robotlary taýýarlamagyň hem-de soňky ýyllarda has köp üns berilýän emeli aň ulgamynyň hem uly hyzmatynyň bardygyny bellemeli.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Robototehnikanyň bu esasy ýörelgeleri, başgaça aýdylanda, önümçilik tapgyrlary möhüm bolup durýar. Bu ugurda robotlaryň işlenip taýýarlanylmagyna esaslyk nazary bilimler we amaly tejribeler hökmany zerurdyr. Robototehnika bilim üçin ählumumy guraldyr. Ýaşlara robot enjamlaryny ulanmagy öwretmek, şol bir wagtyň özünde oýnamak we tehniki döredijilik bilen öwrenmegi aňladýar. Bilim beriji robot enjamlary başlangyç döwürde okuwçylaryň tehniki meýillerini kesgitlemäge we olary bu ugurda kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Ýaşlar ilki bilen taslamanyň ösüş tapgyryna gatnaşyp, ýönekeýden çylşyrymly amallara geçmeli, soň bolsa modeliň ähli jikme-jik aýratynlyklarynyň jemleýji ýygnanyşygynda gutarnykly netijäni almaly. Ilkibaşda ýaşlar göz öňünde tutulan hereketleri ýerine ýetirip, goýlan meseleleri çözüp bilýän önümi döreder. Öz ilkinji modellerini döretmek bilen ýaşlar ilkinji gezek konstruirlemegiň we programmirlemegiň esasy ýörelgelerini öwrenýärler.

Ýurdumyzyň ýaş nesli häzirki zaman tehnologiýalary bilen içgin gyzyklanýarlar. Ýöriteleşdirilen mekdepleriň esasynda ýaşlara iş tertibiniň esaslaryny öwredýän gurnaklar we bölümler açylýar. Öz gezeginde, ýokary derejede geçirilýän robot ýaryşlary çagalaryň we ýaşlaryň bilimleriniň giňemegine, maglu-

mat alyş-çalşygyna we häzirki zaman tehniki döredijiligine gatnaşmagyna goşant goşýar.

Şeýle hem tehnologiýalaryň barha kämilleşýän döwründe dünýä ýüzünde adamzat durmuşyna nanotehnologiýalar döwrüniň iň soňky gazanan tehniki enjamlarynyň ornaşdyrylmagy geljekde has ýeňillikli durmuşda ýaşamaga mümkinçilikleri döredýär. Ylym-bilime has içgin girişilmegi ony ele dolulygyna almaga edilýän synanyşyklaryň netijesinde oýlap tapyşlaryň, açyşlaryň sany görnetin köpelýär. Olardan aýratyn bellemelisi emeli aňdyr.

Emeli aň şeýle bir kämilleşdirildi, hatda tebigy aň bilen bäsleşerlik derejä ýetirildi. Emeli aň häzirki döwürde iň bir ösdürilýän pudaklaryň birine öwrüldi. Emeli aň ulgamynda dünýäniň ösen kompaniýalarynyň agramly bölegi uly işleri alyp barýar.

Häzirki ösen döwürde bolsa intellektual ulgamlar kyn işleri aňsatlaşdyrmaga ýakyndan ýardam berýär. Muňa howa menzillerindäki uçuşlary guramaga kömek edýän habar berişseljeriş ulgamlaryny mysal getirmek mümkin. Olar ýüze çykýan metereologik ýagdaý, uçaryň uçuş-gonuş tertibi, uzaklyk, tizlik we beýleki ýüzlerçe parametrlere umumylaşdyrylan görnüşde gözegçilik edýär we işçä habar berýär. Bulardan başga-da, ýurdumyzyň raýatlary Türkmenistanyň çägindäki otly we uçar gatnawlary üçin petekleri elektron görnüşde, hiç bir kynçylyksyz, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp satyn alyp bilýärler. Bu bolsa ýurdumyzyň raýatlarynyň wagtyny tygşytlamaga, ýerine ýetirýän işleriniň alnyp barlyşyny çaltlandyrmaga kömek edýär. Sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmaga ýurdumyzda döwlet derejesinde aýratyn üns berilýär, ähli pudaklarda ornaşdyrylýar we yzygiderli kämilleşdirilýär.

Emeli aň häzirki döwürde ykdysadyýetde hem möhüm orny eýeläp başlady. «PricewaterhouseCoopers» (PwC) kompaniýasy öz geçiren gözlegleriniň netijesinde 2030-njy ýyla çenli dünýä ykdysadyýetinde emeli aňyň ähmiýetiniň artjakdygyny mälim etdi. Gözlegleriň netijelerine görä, PwC kompaniýasy emeli aňyň global jemi içerki önümi takmynan 14%, başgaça aýdylanda, takmynan 15,7 trillion dollar möçberinde ýokarlandyrjakdygyny öňe sürýär. Ykdysadyýeti ösen 12 sany döwlet boýunça «Accenture» kompaniýasy tarapyndan 2016-njy ýylda geçirilen gözleg işleriň netijesine görä, emeli aňyň 2035-nji ýyla çenli global ykdysady ösüş depginini iki esse artdyryp biljekdigi çaklanylýar.

Işewürler emeli aň esasly tehnologiýalary ulanmagyň geljekde üstünlik gazanmak üçin möhüm şert boljakdygyny belleýärler. Şeýle hem emeli aňyň ulanylmagy bäsdeşlige ukyplylygy artdyrar diýlip hasaplanýar. Emeli aňdan peýdalanýan kompaniýalaryň ýolbaşçylary öndürijiligiň artmagy bilen öz girdejilerini ýokarlandyrmagy üpjün edýärler. Bu netijeler işewürlik dünýäsiniň emeli aň tehnologiýasynyň ähmiýetine düşünmeginiň görkezijisi hökmünde kabul edilip bilner. «Senagat 4.0» diýlip atlandyrylýan we önümçilikde adam zähmetini azaldyp, arzan işçi güýjüni ulanýan kärhanalar ulgamlarynda emeli aňyň möhüm orny bardyr. Bu ulgamlarda üpjünçilik zynjyryndan önümçilige, hat-da müşderiniň önümçilikden soňky sarp ediş döwrüne çenli bolan proseslere gözegçilik etmek hem mümkindir.

«Emeli aň» düşünjesiniň özi hakynda gürrüň edilende «emeli» sözüniň manysy gelip çykyşy boýunça tebigy däl zady, ýagny adamyň öz eli bilen döreden zatlaryny aňladýar. «Aň» sözüni ýönekeý usul bilen düşündirmek kyn. Sözlüklerde onuň manysy dürli görnüşde aňladylýar. Meselem «aň» - karar kabul edip bilmek ukyby, düşünmek ukyby ýaly düşündirişlerden başga-da «bilmek, göz ýetirmek, deňeşdirmek ýa-da toplanan tejribeleriň netijesinde täze ýagdaýlara uýgunlaşmak» ýaly manylarda hem gelýär. Ylmy taýdan «emeli aň» düşünjesi ilkinji gezek 1956-njy ýylda Stenford uniwersitetinde geçirilen ylmy maslahatda iňlisçe «artificial intelligence» (AI) görnüşde giň ylmy köpçülige ýetirilipdir we şondan soňra bu barada alymlar gyzyklanyp başlapdyrlar.

**Ýaz myrat ATDAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

# Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün edeliň!

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda her ýylyň 1–30-njy sentýabry aralygynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» diýen at bilen biraýlyk çäreleri geçirilýär. Bu biraýlygyň dowamynda geçirilýän çäreleriň giň toplumy ýurt abadançylygyny saklamaga, ýurdumyzda ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmegi netijesinde ilatyň saglygyny goramaga, ýol-ulag hadysalary sebäpli döreýän şikesleriň we maýyplygyň öňüni almaga gönükdirilendir.

Täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen, okuwçylardyr talyplaryň gatnawy artýar. «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» diýen şygar astynda geçirilýän biraýlygyň dowamynda çagalara geçelgäniň ýok ýerinden geçmegiň howpludygyny, ýolda düzgün-tertibe görä hereket etmelidigini öwretmek örän möhümdir.

Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmäge degişli işleri durmuşa geçirmekde «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we ýol hereketiniň kadalaryny kesgitleýän beýleki hukuk namalary möhüm kadalaşdyryjy binýat bolup hyzmat edýär. Bu Kanun döwletimiziň çäginde ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmegiň hukuk esasyny kesgitleýär, ýol hereketiniň howpsuzlygy çygrynda döreýän gatnaşyklary düzgünleşdirýär we raýatlaryň janyny, saglygyny we emlägini gorap saklamagy üpjün etmäge, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, şeýle hem daşky gurşawy goramaga gönükdirilendir.

Ýol hereketiniň howpsuzlygyny gazanmak, ilkinji nobatda, herekete gatnaşyjylaryň ýol hereketiniň kadalaryny dogry berjaý edişlerine bagly. Awtoulagy bellenen tizlikden ýokary sürmek, pyýadalar üçin göz öňünde tutulmadyk ýerlerden ýoly kesip geçmek ýol-ulag hadysalarynyň döremegine getirip bilýän ýaramaz ýagdaýlardyr. Ýol-ulag hadysasynyň we düzgün bozmalaryň öňüni almak maksady bilen, pyýadalaryň hem borçlary kesgitlenendir. Olara laýyklykda, pyýadalar mümkin boldugyça awtoulaglaryň gatnaw böleginden peýdalanmaly däl, eger peýdalanaýsalar hem örän seresaply bolmaly.

Edara-kärhanalarda, önümçilik pudaklarynda sürüjileriň arasynda wagyz-nesihat çärelerini geçirmek «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň dowamynda yzygiderli häsiýete eýe bolýar. Ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak üçin, sürüjileriň ýol hereketiniň kadalarynda görkezilen talaplar esasynda özleriniň üstüne ýüklenen borçlary hökmany ýagdaýda ýerine ýetirmelidikleri baradaky gürrüň şol çärelerdäki çykyşlaryň özenini düzýär. Sürüjilere ilatly ýerlerde sagatda 60 kilometr tizlikden ýokary bolmadyk tizlik bilen hereket etmäge rugsat berilýändigi, her bir sürüjiniň ýol hereketiniň kadalarynda görkezilen talaplary ýerine ýetirmegi esasynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda uly netijeleri gazanyp boljakdygy wagyz-nesihat çärelerinde öwran-öwran nygtalýar.

Raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini döwrüň ösen talaplaryna laýyk getirmek maksady bilen, ýurdumyzda ähli amatlyklary bolan awtomobil ýollary, estakadalar, köprüler yzygiderli gurulýar. Ýollaryň ugrunda döwrebap duralgalaryň, ýerasty, ýerüsti geçelgeleriň, hereketiň kadaly ýola goýulmagyna mümkinçilik berýän ýolyşyklaryň we beýleki degişli enjamlaryň bolmagy sürüjilere, pyýadalara hereket etmekde amatly şertleri döredýär.

Ýol hereketiniň kadalarynyň bozulmagyna getirýän hem-de köp duş gelýän düzgün bozmalaryň görnüşleri barada wagyz-ündew çäreleriniň yzygiderli geçirilmegi olaryň öňüniň alynmagyna uly itergi berýär. Tehniki taýdan näsaz ulaglaryň sürülmegini, awtoulaglaryň ýokary tizliklerde dolandyrylmagyny, ýolyşygyň gadagan ediji ýşygynda geçilmegini, çatryga gelnip durlanda, pyýada geçelgesiniň üstünde ulagyň saklanmagyny, pyýadalaryň köçeden geçenlerinde nädogry geçmeklerini hem-de beýlekileri ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna getirýän düzgün bozulmalarynyň hatarynda görkezmek bolar. Şular ýaly düzgün bozulmalara her bir raýat jogapkärli garamalydyr, dogry netije çykaryp, ýol hereketiniň kadalarynyň gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir.

Ýoldа ýöremegiň medeniýetiniň doly we dogry berjaý edilmezligi ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagynyň sebäbi bolýar. Şoňa görä-de, ýol hereketine gatnaşyjy islendik ýolagçynyň ünsi ýolda bolmalydyr we ol ýol hereketleriniň düzgünlerini berjaý etmäge borçludygyny unutmaly däldir.

Adam ömrüniň ähli zatdan gymmatlydygyny unutmaň! Çünki ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygydyr.

**Ýalkap HUDAÝBERDIÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrap Polisiýa bölüminiň polisiýanyň Ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň uly leýtenanty.*

# Türkmenistan–BMG: ählumumy bähbitleri nazarlaýan hyzmatdaşlyk

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasyna işjeň taýýarlyk görýär. Durnukly ösüş maksatlarynyň 17-sini resmi taýdan kabul eden we olary durmuş-ykdysady ösüşiň milli meýilnamalaryna, strategiýalaryna uýgunlaşdyran ýurt hökmünde Türkmenistan jemgyýetçilik durmuşynyň ähli möhüm ugurlarynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de güýçlendirmäge çagyrýar.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň iýun aýynda ýurdumyz öňde boljak 79-njy sessiýanyň wise-başlyklygyna saýlanyldy. Şunda Türkmenistan bitaraplyk, goşulyşmazlyk, öňüni alyş diplomatiýasynyň ýörelgelerine eýermegini dowam etdirer. Sebit derejesinde parahatçylygy, ynanyşmagy berkitmek, hususan-da, ony BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň çäklerindäki hyzmatdaşlyk arkaly pugtalandyrmak ýakyn geljek üçin bellenilen ileri tutulýan wezipelerdir.

Türkmenistan Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça guramaçylyk işlerini dowam etdirer. Bu ugurda ýurdumyz ähli gyzyklanma bildirýän döwletleri, halkara düzümleri, institutlary we BMG-niň edaralaryny hyzmatdaşlyga çagyrýar. Şunda Bitaraplygyň dostlary toparynyň mümkinçilikleriniň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň hatyrasyna mundan beýläk-de ulanyljakdygyny bellemek wajypdyr.

Türkmenistan durmuş-ykdysady ugurda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýär. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň üstünde işlemegi dowam etdirýän Türkmenistan garyplygy ýok etmäge, ösüp barýan ýurtlary goldamak üçin halkara maliýe arhitekturasyny kämilleşdirmäge, ählumumy energiýa, ulag baglanyşygyny berkitmäge, bütindünýä aragatnaşyk-tehniki serişdeleriniň, emeli aň ulgamlarynyň deňagramly ösüşine gönükdirilen anyk ädimleri amal etmegi maksat edinýär.

Howa meselesi-de Türkmenistan üçin üns merkezinde bolmagynda galýar. Merkezi Aziýada daşky gurşaw meselelerine strategik taýdan çemeleşmekde möhüm ädim hökmünde ýurdumyz ýöriteleşdirilen düzümi – BMG-niň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek babatdaky işini dowam etdirer. Merkeziň işi howanyň üýtgemegine uýgunlaşmaga, gowşak ekoulgamlary dikeltmäge, parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmaga we beýlekilere gönükdiriler.

Medeniýetara dialogy güýçlendirmek, BMG-niň Baş Assambleýasynyň halkara gatnaşyklarda köpdilliligi goldamak hakynda Kararnamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Bütindünýä türki dilleriň güni» atly Kararnamasynyň taslamasyny ilerletmegi dowam etdirmegi teklip edýär.

Şu ýylyň 5–7-nji iýulynda BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň Aşgabada amala aşyran sapary örän möhüm waka bolup, munuň özi Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň iň ýokary derejededigini tassyklaýar. Bu hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygyň üstünlikli dowam etdirilýändigine şaýatlyk edýär. Onuň esasy kesgitleýji häsiýeti guramanyň maksatlarynyň hem-de wezipeleriniň Türkmenistanyň milli bähbitlerine laýyk gelýändiginden ybaratdyr. Bu maksatlar bolsa parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmekde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde öz beýanyny tapýar. Şeýle hem dünýä syýasatynda ykrar edilen halkara hukugyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda berkidilen kadalary tassyklamagy öz içine alýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen iki gezek resmi taýdan ykrar edildi. Ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň birnäçe sessiýalarynda wise-başlyklyk etdi. Döwletimiz bu abraýly wezipäni öňde boljak 79-njy sessiýada hem ýerine ýetirer. Häzirki wagta çenli türkmen tarapynyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamalarynyň onlarçasy kabul edildi. Ýurdumyzyň teklibi boýunça halkara seneleriň üçüsi – 12-nji dekabrda Halkara Bitaraplyk güni, 3-nji iýunda Bütindünýä welosiped güni, 26-njy noýabrda bolsa Bütindünýä durnukly ulag güni bellenilýär.

Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen dürli ugurlar boýunça, şol sanda parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, durnukly energetika, ulag, ykdysady, durmuş, ynsanperwer we ekologiýa meselelerini çözmek ýaly möhüm ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasyny durmuşa geçirmek, şeýle hem bosgunlaryň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini çözmek ýaly möhüm ugurlarda BMG-niň degişli düzüm birlikleri bilen ynsanperwer hyzmatdaşlyk ösdürilýär.

Ýurdumyz ynsanperwer ugurly birnäçe iri halkara forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Bu bolsa milli derejede möhüm çözgütleri kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýär. Soňky ýyllarda raýatlygy bolmadyk adamlaryň 30 müňe golaýynyň Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilmegi aýdylanlary doly tassyklaýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda BMG-niň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM), BMG-niň Ilat gaznasy (ÝUNFPA), BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF), BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO), Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) ýaly iri halkara guramalaryň wekilhanalary hereket edýär.

Golaýda BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş Türkmenistana amala aşyran iş saparynyň dowamynda paýtagtymyzda BMG-niň Türkmenistandaky wekilhanasynyň täze binasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Munuň özi ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygy berkitmäge we giňeltmäge taýýardygyny, şeýle hem taraplaryň ählumumy meseleler, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek babatda bilelikde iş alyp barmaga ygrarlydygynyň özboluşly nyşany bolup durýar.

**Gülaram DURDYÝEWA,**
*«Türkmennebit» DK-niň Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Ählumumy saýlaw geçiriler.** Gruziýanyň Prezidenti Salome Zurabişwili şu ýylyň 26-njy oktýabrynda ählumumy saýlawlaryň geçirilmegi baradaky karara gol çekdi. Bu barada ýurduň Prezidentiniň resmi internet sahypasynda habar berilýär. Saýlaw kompaniýasynyň hem başlanandygy mälim edildi.

► **24 million dollara satyldy.** Amerikan Beýsbol Ligasynyň (MLB) ady rowaýata öwrülen oýunçysy Babe Rutuň 1932-nji ýyldaky möwsümde geýen «Nýu Ýork Ýankis» toparynyň köýnekçesi auksionda 24 million dollara satyldy. Şeýlelikde, bu köýnekçe häzire çenli iň gymmat bahadan satylan sport kolleksiýasy boldy.

► **8 aýdan yzyna dolanar.** Şu ýylyň 5-nji iýunynda Halkara kosmos bekedine uçurylan iki amerikan astronawty kosmos gämisinde ýüze çykan tehniki bökdençlik sebäpli ol ýerde galmaly boldular. Astronawtlaryň geljek ýylyň fewralynda yzyna getiriljekdigi mälim edildi. Şeýlelikde, 8 günlügine kosmosa giden astronawtlar 8 aýdan gowrak wagtdan soň yzyna gelerler.

► **Demir ellik tapyldy.** Norwegiýanyň medeni mirasy öwrenmek institutynyň hünärmenleriniň Oslo şäheriniň Bispewika sebitinde alyp barýan gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Orta asyrlardan galan demir ellik tapyldy. «Science Norway» neşiriniň habaryna görä, bu ýerde ellikden başga-da hanjar, gylyç, palta ýaly gurallar tapylypdyr.

► **Halkara söwdasy 40 million tonna ýetdi.** Şu ýylyň birinji ýarymynda dünýäde gol çekilen suwuklandyrylan gaz ylalaşyklarynyň mukdarynyň jemi 40 million tonna ýetendigi mälim edildi. Gazy eksport edýän ýurtlar forumynyň maglumatyna görä, Hindistan 11,45 million tonna suwuklandyrylan gaz satyn almak üçin ylalaşyk gazanyp, bu ugurda birinji bolupdyr.




► **Syýahatçylaryň sany artdy.** Şu ýylyň iýun-iýul aýlarynda Ýaponiýa barýan syýahatçylaryň sanynyň artandygy mälim edildi. Ýurduň Milli syýahatçylyk guramasynyň (JNTO) maglumatyna görä, iýunda 3,14 million, iýulda 3,29 million myhman Günüň dogýan ýurduna barypdyr.

► **Howany arassalamak üçin 3,3 milliard ýewro.** Germaniýanyň hökümeti senagat önümçiligini uglerodsyzlaşdyrmak üçin 3,3 milliard ýewro bölüp berdi. Maliýe goldawy uglerodyň deňizde ýeriň aşagyna gömülmegi, önümçilik desgalarynda howa goýberilýän gazlaryň azaldylmagy ýaly taslamalar üçin berler.

► **Iň gowy badamjanly tagamlar.** Bütin dünýäde aşhana medeniýetine degişli maglumatlary taýýarlaýan «Taste Atlas» iň tagamly badamjanly naharlaryň sanawyny taýýarlady. Sanawda 10 tagam bolup, birinji orny türk aşhanasynyň «hünkärbegendi» nahary eýeledi. Sanawda hytaý, italýan, liwan, filippin we makedon aşhanasyna degişli naharlar bar.



► **5 sany «Airbus A380» satyn alar.** Birleşen Arap Emirlikleriniň «Emirates» awiakompaniýasy «Doric Nimrod Air Two» maýa goýum kompaniýasyndan 5 sany «Airbus A380» uçaryny satyn alar. Awiakompaniýa bu uçarlary häzirki wagtda kärendesine ulanýar. «Emirates» her uçar üçin 40 million dollar tölär. Emirlik kompaniýasy geçen ýyl hem bu hyzmatdaşyndan 2 sany A380 uçaryny satyn alypdy. Dünýäniň iň uly ýolagçy uçary bolan A380 howa gämileriniň önümçiligi 2021-nji ýylda ýatyryldy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1901-nji ýylyň 30-njy awgustynda iňlis inženeri Hýubert Sesil But elektrik energiýasy bilen işleýän tozan soruja patent alýar. Şol döwürler öýleri arassalamak üçin aýlanýan çotgaly ýa-da üfleýän enjamlar bardy. But tozan üfleýän enjamy görende, ony tersine öwürmek arkaly tozany bir ýerde ýygnap boljakdygy barada pikir edýär. Netijede, tozany üfleýän däl-de, sorýan arassaçylyk enjamy peýda bolýar.**

# Adalarda deňiz derejesi beýgelýär

**Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş deňiz derejesiniň beýgelýändigini mälim etdi. Onuň sözlerine görä, bu ýagdaý Ýuwaş ummanyndaky ada ýurtlary üçin töwekgelçilik döredip biler. Ol munuň öňüni almak üçin halkara jemgyýetçiligini gazylyp alynýan energiýa serişdeleriniň ulanylyşyndan el çekmäge çagyrdy. Ol bu barada «Üýtgediji we çydamly Ýuwaş ummany: has gowusynyň gurluşygy» ady bilen Tonga Patyşalygynda geçirilen forumda eden çykyşynda aýtdy. Bu forum 53-nji gezek geçirilýär. Iri halkara guramasynyň ýolbaşçysy gazylyp alynýan ýangyjyň sarp edilmeginiň uglerody bölüp çykarýandygyna, munuň suw derejesiniň ýokarlanmagyna getirýändigine ünsi çekdi. BMG-niň bu barada taýýarlan maglumatynda 1990-2020-nji ýyllar aralygynda Tonganyň paýtagty Nukualofada deňiz derejesiniň 21 santimetr beýgelendigi bellenilýär. Bu görkeziji dünýäniň ortaça görkezijisinden iki esse köpdür. Şeýle hem maglumatda Samoanyň Apia şäherinde deňiz derejesiniň 31 santimetr, Fijiniň Suwa şäherinde 29 santimetr beýgelendigi bellenilýär.**

**Guterriş iri kompaniýalar bilen ösen ýurtlaryň klimat bilen bagly ylalaşyklarda göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirmelidigini hem-de klimatyň üýtgemeginiň täsir eden ýurtlaryna berilýän maliýe goldawynyň köp mukdarda artdyrylmalydygyny aýtdy.**

**53-nji gezek geçirilýän Ýuwaş ummanyndaky adalar forumyna Awstraliýa, Kuk adalary, Mikroneziýa, Fiji, Fransuz Polineziýasy, Kiribati, Nauru, Täze Kaledoniýa, Täze Zelandiýa, Niue, Palau, Papua Täze Gwineýa, Marşal adalary, Samoa, Solomon adalary, Tuwalu we Wanuatu döwletlerinden ýokary derejeli wekiller gatnaşdy. Tonganyň Premýer-ministri Siaosi Sowaleniniň başlyklyk etmeginde 26-njy awgustda başlan halkara forum şu gün tamamlanýar.**

# 112 ÝAŞADY

**Dünýäniň iň garry erkek kişisi bolan Jon Tinniswud 112 ýaşyny doldurdy. 1912-nji ýylyň 26-njy awgustynda Angliýanyň Liwerpul şäherinde dünýä inen Tinniswud Ginnesiň rekordlar kitaby tarapyndan berlen şahadatnama bilen surata düşdi. Ol rekord kitabynyň wekilleri bilen gepleşende, näme üçin şeýle uzak ýaşandygy barada hiç hili pikiriniň ýokdugyny aýtdy. Ömrüniň dowamynda «Liwerpul» futbol toparynyň janköýeri bolan Tinniswud ýurduň Sautport şäherinde garrylar öýünde ýaşaýar. Ol şu ýylyň aprel aýynda 114 ýaşly ispaniýaly Huan Wisente Peres Moranyň aradan çykmagy bilen dünýäniň iň garry erkek kişisi bolupdy. Ýaş wagty işjeň durmuşda ýaşandygyny aýdan Tinniswud köp ýörändigini belleýär. Ol özüniň beýleki adamlardan o diýen tapawutly däldigini, her kimiň uzak ýa-da gysga ömür sürüp biljekdigini, munuň bilen bagly adamyň elinden gelýän zadyň ýokdugyny aýdýar. Tinniswud uzak ýaşamak barada aýratyn syr bilmeýändigini aýdýar.**

**Ol janköýerlik edýän «Liwerpul» futbol topary döredilenden 20 ýyldan soňra dünýä inipdir. Klubuň häzire çenli gazanan 66 kubogyndan ikisinden galanyny görüpdir. Ol milli çempionatdaky ilkinji iki 2 çempionlygy (1901-1906ý.) görmändir.**

**Tinniswud 1942-nji ýylda Blodwen atly zenan bilen durmuş gurupdyr. Olaryň 1943-nji ýylda Sýuzan atly gyzy dünýä inipdir. Aýaly 1986-njy ýylda aradan çykypdyr. «Shell» we BP nebit-gaz kompaniýalarynda hasapçy bolup işlän Tinniswud 1972-nji ýylda pensiýa çykypdyr.**

**Tinniswud hepdäniň her anna güni balyk we kartoşka iýýändigini aýdyp, naharlanmak bilen bagly ondan başga endiginiň ýokdugyny belleýär. Ol nahar dandamaýandygyny aýdýar. 2012-nji ýylda 100 ýaşyna ýeteli bäri, doglan günlerinde ýurduň Şa zenany Elizabet II ýörite gutlag kartyny alyp başlapdyr. 2022-nji ýyldan bäri bolsa, oňa Patyşa Karl III adyndan gutlag karty gelip gowuşýar.**

**Golaýda dünýäniň iň uly ýaşly zenany Mariýa Branýas Morera 117 ýaşynda aradan çykandan soňra bu at ýaponiýaly 116 ýaşly Tomiko Itooka geçipdi.**

# «Sanly çarwalara» goldaw berler

Soňky ýyllarda internet tehnologiýasynyň ösmegi netijesinde köp işi uzakdan etmäge mümkinçilik döredi. Muňa, esasan, kompýuter arkaly ýerine ýetirilýän işler degişlidir. Indi yzda galan pandemiýa döwründe bolsa, bu ýagdaý has hem ýaýbaňlandyryldy, gerekli tehnologiýalar kämilleşdirildi. Netijede, köp adam diňe öýünde oturan ýerinde däl, dünýäniň başga bir künjeginde oturan ýerinde işini edip başlady. Hatda käbir adamlar gämide uzak aralyga syýahat edýän wagty hem işini etmegini dowam etdirýär. Şeýle adamlara «sanly çarwa» diýilýär. Aragatnaşyk infrastrukturasy ösen ýurtlar ýa-da şäherler «sanly çarwalar» üçin dürli wiza ýeňilliklerini girizip, syýahatçylyk pudagyny hem ösdürýärler. Ispaniýanyň Estremadura sebiti ýokary hünärli sanly ulgam hünärmenlerine 15 müň ýewro çenli maliýe goldawyny berýär. Güneşli ýurt bolan Ispaniýanyň bu sebitine barýan syýahatçylaryň sany beýleki ýerlerine garaňda az. Şol sebäpli awtonom sebitiň ýolbaşçylary bu ýeriň ýaşaýjylarynyň sanyny artdyryp, ykdysadyýeti ösdürmek isleýärler. Munuň üçin jemi 200 million ýewro bölünip berlipdir. Netijede, sebitde 200 sany ýokary hünärli işgäriň ýaşamagy gazanylar. Başga ýerlerden göçüp barjaklar üçin bu sebitiň amatly taraplarynyň biri hem ýaşaýşyň bahasynyň arzan bolmagydyr. Bu ýerde naharlanmak, jemgyýetçilik ulagy we jemagat hyzmatlary ýurduň paýtagty Madride garaňda 30 göterim arzan. Sebitiň ýolbaşçylary optiki süýümli we mobil internet aragatnaşygynyň tizliginiň ýurduň beýleki ýerlerinden has gowudygyny belleýärler. Üstesine bu ýeriň daglyk we owadan tebigaty bar. Ispaniýanyň beýleki ýerleriniň hem-de daşary ýurtlaryň ýaşaýjylary hem bu ýeňillikden peýdalanyp bilerler. Olaryň azyndan iki ýyl ýaşamaga wada bermegi hem-de Ispaniýanyň islendik ýerinde ýazga duran bolmagy ýeterlik. Zenanlar, 30 ýaşyna ýetmedik ýaşlar hem-de Estremaduranyň ilaty 5 müňden az bolan etraplarynda ýaşajaklar 10 müň ýewro, beýlekiler bolsa 8 müň ýewro maliýe kömegini alyp bilerler. Iki ýyldan soňra birinji kategoriýadakylar ýene bir ýyl ýaşamakçy bolsalar 5 müň ýewro, ikinji kategoriýadakylar 4 müň ýewro alyp bilerler. Täze maksatnamanyň geljek aýyň ortalarynda güýje girmegine garaşylýar.

# Aýyň topragyndan suw öndüriler

Soňky ýyllarda kosmosda iş alyp barýan hususy kompaniýalaryň sany barha artdy. Indi kosmos giňişligi diňe aragatnaşyk we gözleg enjamlarynyň ugradylýan ýeri däl-de, eýsem, beýleki ylmy barlaglaryň giňden geçirilýän ýerine öwrüldi. Şeýle bolansoň, beýleki asman jisimlerinde hem dürli barlaglar geçirilýär. Alymlar Aýyň topragyndan suw almagyň usulyny oýlap tapdylar. Bu usul geljekde Ýeriň hemrasynda hemişelik ýaşaýşyň ýola goýulmagynda ähmiýetli hasaplanýar. Hytaýly alymlar 2020-nji ýylda Aýdan getirilen topragy ulanmak arkaly suw öndürmegiň ýoluny öwrendiler. Ýurduň «Chang'e-5» atly kosmos gämisi arkaly getirilen topragyň düzümindäki minerallarda köp mukdarda wodorodyň bardygy anyklandy. Alymlar toparynyň işi barada «The Innovation» atly ylmy žurnalda makala çap edildi. Makalada topragyň gyzdyrylanda onuň düzümindäki wodorodyň beýleki elementler bilen himiki täsirleşmä girip, bug emele getirýändigi bellenilýär. Alymlar 1 gram toprakdan 51-76 milligram suw öndürip boljakdygyny anyklady. Bu bolsa, 1 tonna toprakdan 50 litr töweregi suw alyp boljakdygyny aňladýar.

Hytaýyň Kosmos agentligi 2035-nji ýyla çenli Ýeriň hemrasynyň günorta polýusynda beket gurmak isleýär. 2045-nji ýyla çenli bolsa, Aýyň orbitasynda aýlanýan kosmos bekediniň gurulmagy meýilleşdirilýär.

# Iň uly ikinji göwher

**Botswanada dünýäniň iň uly ikinji göwheri tapyldy. Bu ýurtda iş alyp barýan Kanadanyň «Lucara Diamond» kompaniýasyna degişli şahtadan tapylan gymmat bahaly daşyň çykarylan wagty 2 müň 492 karatdygy mälim edildi. 1905-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasynda 3 müň 106 karatlyk «Cullinan» atly almaz tapylypdy. Bu daş dokuz bölege kesilipdi. Soňky tapylan göwher Botswananyň paýtagty Gaboroneniň 500 kilometr demirgazygyndaky Karowe magdan käninden tapyldy. Botswananyň hökümeti bu gymmatly daşyň ýurtda tapylan iň uly göwherdigini mälim etdi.**

**Mundan ozal 2019-njy ýylda şol şahtada 1 müň 758 karatlyk daş tapylypdy. Bu daş fransuz «Louis Vuitton» kompaniýasy tarapyndan mälim edilmedik bahadan satyn alnypdy. 2016-njy ýylda bu ýerden tapylan 1 müň 109 karatlyk**

**almaz 53 million dollara satylypdy.**

**Botswana dünýäde iň uly göwher öndüriji ýurtlaryň biri hasaplanýar. Dünýäniň göwher önümçiliginiň bäşden biri bu ýurda degişlidir.**

# Suwuklandyrylan gaz ylalaşygy gazanyldy

Katar bilen Kuweýtiň arasynda suwuklandyrylan gaz şertnamasyna gol çekildi. Şertnama görä, Katar Kuweýte 15 ýyllap her ýylda 3 million tonna suwuklandyrylan gaz berer. Mundan ozal iki ýurduň arasynda bu ugurdaky ylalaşyga 2020-nji ýylda gol çekilipdi. Kuweýt elektrik energiýasyna artýan islegi kanagatlandyrmak üçin gazdan peýdalanýar. Ylalaşyga «QatarEnergy» hem-de «Kuwait Petroleum Corporation» (KPC) kompaniýalarynyň ýokary derejeli ýolbaşçylary gol çekdi. Katar geljek ýylyň ýanwar aýyndan başlap, Kuweýte täze şertnama görä gaz berip başlar.



Suwuklandyrylan gaz önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri bolan Katar häzirki wagtda ýyllyk 77 million tonna bolan önümçiligini 2030-njy ýyla çenli 142 million tonna çykarmagy meýilleşdirýär.

# Robotlar gündelik durmuşa aralaşýar

Golaýda Hytaýyň paýtagty Pekinde Bütindünýä robot maslahaty geçirildi. Bu maslahatda 20-den gowrak adamsypat robot köpçülige görkezildi. Robotlar emeli aň tehnologiýasy bilen üpjün edilipdir. Bu bolsa olara edil adam ýaly geplemäge we sowallaryňa jogap bermäge mümkinçilik berýär. «EX Robots» we «Astribot Co.» atly kompaniýalaryň robotlary has köp adamyň ünsüni çekdi. Gündelik durmuşda ulanmaga niýetlenen robotlaryň arasynda «Astribot S1» atly robot adama has köp meňzeşligi bilen tapawutlanýar. Bu iki kompaniýa hem şu ýylyň dowamynda robotlaryň täjirçilik maksatly önümçiligini ýola goýmak isleýär.

# Gyzyl saçlylaryň festiwaly

Niderlandlaryň Tilburg şäherinde däp bolan gyzyl saçlylaryň festiwaly geçirildi. Üç günläp dowam eden şüweleňe 80 ýurtdan 10 müň adam gatnaşdy. Festiwalyň çäklerinde gatnaşyjylar ýadygärlik surata düşdüler, şeýle-de saçyň bejerilmegi, senetçilik işleri ýaly çäreler geçirildi.

Ýurtda gyzyl saçlylaryň festiwaly ilkinji gezek 2005-nji ýylda höwesjeň suratkeş Bart Ruwenhorstyň 15 sany gyzyl saçly model tapmak üçin gazete bildiriş bermegi bilen başlapdyr. Bildirişe 150 adam ýüz tutupdyr. Şeýle köp gyzyl saçlynyň bardygyna haýran galan Ruwenhorst şular ýaly çäräni guramak kararyna gelipdir.

Dogabitdi gyzyl saçlylar dünýä ilatynyň 1-2 göterimini emele getirýär. Demirgazyk we demirgazyk-günbatar ýurtlarynda bolsa ilatyň 6 göterimini gyzyl saçlylar emele getirýär.

# GADYMY KÖL TAPYLDY

Astronomlar köp ýyldan bäri beýleki asman jisimlerinde ýaşaýşyň alamatlaryny gözleýärler. Bu gözlegleriň netijesinde Marsda gadymy kölüň galyndylary tapyldy. Eridaniýa diýlip atlandyrylan kölüň, häzirki wagtda Ýerdäki ähli köllerden uly bolandygy bellenilýär. Ýewropa kosmos agentliginiň maglumatyna görä, milliardlarça ýyl ozal bar bolan bu kölüň meýdany 1 million inedördül kilometre barabar bolupdyr. Bu bolsa Hazar deňzinden üç esse töweregi uly diýmegi aňladýar. Astronomlar bu açyşyň Marsyň irki döwürlerde suwa baý bolandygyny görkezýändigini belleýärler. Kölüň häzirki ýerinde ýel sebäpli emele gelen depeler bar.

Bellenilişine görä, Mars Ýerden iki esse kiçidigine garamazdan, dartyş güýjüniň pesdigi sebäpli geologik aýratynlyklary has köp. Bu asman jisiminde planetamyzdakydan has köp jülgeler we wulkanlar bar.



# Iýmit galyndysyndan uçar ýangyjy öndüriler

**Ýolagçy uçarlary köp mukdarda ýangyç sarp edýär. Bu bolsa howany zaýalaýar. Şeýle bolansoň, has tygşytly uçar hereketlendirijilerini öndürmek üçin yzygiderli tagalla edilýär. Şeýle hem awiakompaniýalar ýangyç üçin az çykdajy etmeýärler. Ýewropa Bileleşiginiň Awiasiýa howpsuzlygy agentligi daşky gurşaw üçin zyýansyz awiaýangyjy taýýarlamaga goldaw berýär. Bioýangyç hasap edilýän energiýanyň bu görnüşini öndürmek üçin, esasan, iýmit galyndylaryndan peýdalanylar. Ýangyjy öndürmek üçin ulanylan iýmitlik ösümlik ýagyndan, malyň ýagyndan we beýleki iýmit galyndylaryndan peýdalanylar. Mundan başga-da, energiýa öndürmek üçin medeni usulda ekilen ösümliklerden peýdalanylar. Bu ýangyç ýakylanda nebitden alnan ýangyç ýaly zyýanly zerrejikleri howa goýbermeýär. Ilkinji nobatda, bu ýangyjyň adaty ýangyja garyşdyrylmagy arkaly peýdalanylmagy, soňlugy bilen bolsa ýangyjyň bu görnüşiniň ýaýbaňlandyrylmagy göz öňünde tutulýar. Ýangyjyň bu görnüşi ABŞ-da hem öndüriler. Ýurtda 2030-njy ýyla çenli ýylda 3 milliard gallon howa gämileri üçin bioýangyç öndürilmegi maksat edinilýär. 2050-nji ýyla çenli bolsa, awiasiýa pudagy üçin ýeterlik derejede bioýangyç öndüriler.**



# ÝERIŇ IŇ UZAK ADASY

**Adada ýitip gitmek howpy abanýan Tristan albatrosyny we Atlantik sary burunly albatrosyny hem-de demirgazyk rokhopper pingwinini görmek bolýar.**

Wulkan arhipelagynyň bir adasy bolan Tristan-da-Kunýa Günorta Afrikanyň Keýptaun şäherinden 2750 kilometr we Argentinanyň Buenos-Aýres şäherinden 4000 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Planetamyzyň iň uzakdaky ilatly ýeri hasaplanýan bu adanyň 300 töweregi ilaty bar. Balykçylaryň arasynda «Günorta Atlantikanyň derwezesi» ady bilen belli bolan wulkan arhipelagy 6 adany öz içine alýar. Demirgazyk kenary – Tristan-da-Kunýa adasy arhipelagyň ýeke-täk oturymly ýeri bolup, beýleki 5 adada ilat ýaşamaýar. Adanyň ilatly ýeri başgaça «Ýedinji deňziň Edinburgy» diýlip hem atlandyrylýar. Günorta Atlantikadaky bu uzak adalar 2000-nji ýyllara çenli köpçülige belli däldi. Diňe Günorta Afrikadan we Hindi ummanyna barýan ýoldan gämili geçýän balykçylar bu ýerde adamlaryň ýaşaýandygyny bilýärdiler. 2011-nji ýylda geçirilen «Wolwo Açyk 70» umman ýaryşyndan soň, Tristan-da-Kunýa adasy teleýaýlym arkaly köpçülige mälim edilýär.

207 inedördül kilometr meýdany tutýan Tristan-da-Kunýa adasy dünýäniň iň uly deňiz goraghanalarynyň biridir. Bu adanyň golaýynda kit, akula, delfin, deňiz leňňeji, oktopus, tuna balygy we başga-da birtopar deňiz jandarlary ýaşaýar. Adada ýitip gitmek howpy abanýan Tristan albatrosyny we Atlantik sary burunly albatrosyny hem-de demirgazyk rokhopper pingwinini görmek bolýar.

## WULKAN ADASYNYŇ AÝRATYNLYKLARY:

☑ Ýeriň iň uzak adasyna iň ýakyn ýer Günorta Afrikanyň Keýptaun şäheri bolup, bu şäherden ada gaýykly 6 günde baryp bolýar.

☑ Wulkan adasyny ilkinji gezek 1506-njy ýylda portugaliýaly gözlegçi Joao de Nowa görýär. Emma deňizdäki howa şertleri sebäpli ada baryp bilmeýär. 140 ýyldan soň ada adam aýagy basýar we bu ýere portugaliýaly deňiz admiraly Tristan-da-Kunýanyň ady dakylýar.

☑ Ýokardan seredeniňde tegelek we merkezi çürelip duran adanyň iň beýik nokady 2 müň 82 metre ýetýär.

☑ Adanyň ortaça temperaturasy ýylyň ähli paslynda salkyn derejede saklanýar. Ýygy-ýygydan ýagyş ýagyp, güýçli harasat turýar. Köplenç adanyň depesini bulut örtýär. Açyk we güneşli günler seýrek bolýar. Adanyň deňiz derejesinden 500 metrden beýik ýerleri gyşyna gar bilen örtülýär.

☑ Adada iň soňky gezek 1961-1962-nji ýyllarda wulkan atylýar. Şol ýyllarda ilat wagtlaýyn Angliýa äkidilýär.

☑ Adanyň esasy dili iňlis dili bolup, ýaşaýjylar adaty gepleşikde patua dilini ulanýarlar.

☑ Tristan-da-Kunýada söwda-satyk işlerinde iňlis funt sterlingi ulanylýar. Bu ýerde kart amallaryny ýerine ýetirip bolmaýar. Şol sebäpli diňe nagt pul ulanylýar.

☑ Bu adanyň ýaşaýjylary asly iňlis, Niderlandlardan göçüp gelen 15 adamdan ýaýrap, 275-e ýetipdir.

☑ Adada tehnologik enjamlar çäkli bolup, halkyň tomaşa etmegi üçin ýekeje teleýaýlym bar.

☑ Wulkan adasynda 3,5 kilometrlik asfalt düşelen ýol bolup, 125 sany ulag serişdesi we ýekeje polisiýa işgäri bar. Ol ýol hereketiniň kadalaryna we howpsuzlyk işlerine gözegçilik edýär.

☑ Adadaky ähli ýerler umumy eýeçilige degişli bolup, esasan, ekerançylyk bilen meşgullanylýar. Mundan başga-da, balykçylyk adada ösen pudak hasaplanýar.

☑ Syýahatçylar wulkan adasyna seýrek ýagdaýda barýarlar. Adada myhmanhana ýok, şol sebäpli gezelenç etmäge baranlar ýaşaýjylaryň öýlerinde myhman bolýarlar.

# Egin-eşikleri ütüklemegiň usullary

**Egin-eşikleri ütüklemek ünslüligi talap edýän ownuk we hysyrdyly iş hasaplanýar. Öý bikeleriniň gündelik ýerine ýetirýän bu işi üst-başymyzyň tämiz we ykjam görünmegine ýardam edýär. Yssy howada nah matadan egin-eşikleriň köp geýilýändigi hem-de ýygy-ýygydan üst-başyň çalşyrylýandygy sebäpli, ýaz we tomus pasyllarynda ütük etmek işi has hem köpelýär. Her bir işde bolşy ýaly, geýim-gejimler ütük edilende hem käbir zatlara üns bermeli. Esasan hem, matanyň hiline görä ütügiň gyzgynlyk derejesini sazlamagy, egin-eşigi gurulygyna ýa-da çygylygyna ütüklemelidigini bilmeli. Bu işiň köp wagtymyzy almazlygy hem-de aňsat bolmagy üçin käbir usullary öwrenmeli.**

☑ Käbir egin-eşigiň ýygyrdyny ýazmak kyn bolýar. Şeýle egin-eşikler kir ýuwujy maşyna salnanda ýumşadyjy serişde guýmaly. Ýuwlup bolnandan soň, doly guramanka ütük etmeli.

☑ Ýuwlan egin-eşikleri sermezden ozal, iki-üç gezek silkmeli. Bu usul eşigiň ýygyrdynyň aýrylmagyna hem-de çalt guramagyna ýardam edýär.

☑ Egin-eşikleri matasynyň görnüşine görä toparlara (sintetik, nah, ýüň, ýüpek) bölmeli, soňra ütükläp başlamaly.

☑ Wagt ýitirmezlik üçin asawaçlary ýanyňda goýmaly. Ütük etjek ýeriňe galyň mata ýazmaly ýa-da ýörite ütük edilýän stoldan peýdalanmaly.

☑ Ütügiň ýüzünde matada yz galdyrjak tegmilleriň ýokdugyna göz ýetireniňden soň elektrik toguna birikdirmeli. Eger-de bugly ütük bolsa bellenen ölçegde arassa suw guýmaly. Egin-eşigiň hiline görä, ütügiň gyzgynlygyny sazlamaly.

☑ Ilki bilen, pes gyzgynlykda ýukarak egin-eşikleri ütüklemeli. Soňra gyzgynlygy beýgeldip, galyň eginbaşlary ütükläp başlamaly.

☑ Käbir nah we ýüň matadan tikilen egin-başlar aňsatlyk bilen ütük almaýar. Galyň egin-eşikleriň ýüzüne çygly hasany ýazyp ütükläp bilersiňiz.

☑ Adatça egin-eşikler ters ýüzüne ütüklenýär. Esasan hem, ýüpek matalary ýaldyramazlygy üçin hökmany suratda ters ýüzüne öwürmeli.

☑ Eşikleri ütükläp bolanyňdan soň, ýagty ýerde nähili ütüklenendigini görmeli. Soňra wagt ýitirmezden asawaja asmaly. Sebäbi ütüklenen eşikler çalt ýygyrt atýar.

☑ Ütüklemek işini dynanyňyzdan soň ütügi nola getirip, seresaplylyk bilen elektrik toguny sogurmaly. Ütügiň içindäki suwuny boşatmaly.

☑ Eger ütüge egin-eşigiň reňki geçip hapalanan bolsa, ýörite galam ýa-da beýleki serişdeler bilen arassalamaly.

☑ Ütüklemeli zadyňyz gutaryberende, ýagny bir sany elýaglyk ýa-da köýnegiň bir ýeňi galanda ütügiň toguny sogrup bilersiňiz. Ütügiň gyzgynlygy şol zatlary ütüklemek üçin ýeterlik bolar. Bu endik elektrik energiýasyny tygşytlamaga hem-de ütügiň biraz sowamagyna ýardam eder. Gyzgyn ütügi çagalaryň eli ýetjek ýerde ýada ýanyjy maddalaryň golaýynda goýmaly däl.

# Bu iýmitleri gaýtadan gyzdyryp iýmäň!

**Islendik nahary öz çeniňe görä bişirmek isripçiligiň öňüni almaga ýardam edýär. Gereginden artyk bişirmek hem naharyň isrip bolmagyna, hem-de saglyk bilen bagly ýaramaz ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolup bilýär. Hünärmenler käbir iýmitleri azrak bişirmegi, şeýle hem gaýtadan gyzdyryp iýmezligi maslahat berýärler. Belläp geçmeli esasy zatlaryň biri hem, galan nahary mikrotolkun peçde gyzdyryp iýmek saglyk üçin zyýanly hasaplanýar. Geliň, gaýtadan gyzdyryp iýilmegi maslahat berilmeýän käbir iýmitler bilen tanyş bolalyň!**

**Ysmanak.** Ysmanagyň düzüminde ýokary mukdarda nitrat bar. Bu maddanyň saglyk üçin zyýansyzdygyna garamazdan, gaýtadan gyzdyrylanda zäherlenip, gan damarlarynyň kislorod bilen üpjün edilmegine oňaýsyz täsirini ýetirip biler. Şol sebäpli ysmanagy, bu otdan taýýarlanan iýmitleri gaýtadan gyzdyryp iýmek maslahat berilmeýär.

**Kömelek.** Düzümi̇niň 90 göterimden gowragy suwdan ybarat bolan kömelekde 3 göterim belok we 5 göterim uglewodlar saklanýar. Bu maddalar dogry şertde saklanmasa çalt çüýräp, iýmit siňdiriş ulgamy üçin howply bolup biler. Bişirilen kömelegi sowadyjyda 24 sagatdan köp saklamaly däl.

Şeýle hem bu iýmiti 70 derejeden ýokary gyzgynlykda gyzdyrmak maslahat berilmeýär.

**Kartoşka.** Bişirilen kartoşka çalt zaýalanýandygy sebäpli, dogry şertlerde saklamagy talap edýär. Kartoşkadan taýýarlanan naharlar agzy ýapyk gapda saklananda bakteriýalaryň ösüşi has çaltlaşyp, dem gysma we nerw bozulmalary ýaly ýagdaýlara getirip bilýän zäherlenmä sebäp bolýar. Bişirilenden soň bir gün geçen kartoşkaly iýmitleri gaýtadan gyzdyryp iýmek maslahat berilmeýär.

**Tüwi.** Tüwüden taýýarlanan naharlar gaýtadan gyzdyrylanda sporalar köpelip, gusma we içgeçme ýaly zäherlenmelere getirip bilýär. Şol sebäpli tüwüli naharlary gaýtadan gyzdyryp iýmek maslahat berilmeýär.

**Towuk eti.** Mikrotolkun peçde guş etini bişirmek soňky ýyllarda ýoň bolan usullaryň biridir. Guş etiniň islendik görnüşini içinden şöhle geçýän peçde bişirmek maslahat berilmeýär. Ýylylyk tolkunlarynyň guş etiniň ähli bölegini deň bişirmeýändigi sebäpli, mikrotolkun peçde bişirilen towuk etini iýmek saglyk üçin zyýanly hasaplanýar. Guş etini aşhana şertinde talabalaýyk bişirmeli. Towuk eti gaýtadan gyzdyrylanda düzümindäki beloklar we peýdaly maddalar dargap, iýmit siňdiriş ulgamyna howp salyp biler. Şeýle hem bişirilen towuk etini sowadyjyda uzak wagtlap saklamak maslahat berilmeýär.

## ÇAGALAR

**Kakao agajy 100 ýyldan gowrak ýaşap, 25 ýyl ýokary hilli hasyl berýär.**

# Öküzler hakykatdanam gyzyl reňki halamaýarmy?

**Ispanlaryň milli sport görnüşi bolan öküz ýaryşlarynda äpet şahly jandarlaryň gyzyl ýapynjany süsmek üçin batly topulýandygyny gören bolsaňyz gerek. Hatda meýdança çykan öküzler gyzyl ýapynjany görenlerinde «aklyndan azaşýarlar». Bu wakalar «Ferdinand» multfilminde hem has anyk we gyzykly beýan edilýär. Eýsem, hakykatdan hem gyzyl reňk öküzlere täsir edýärmi?**

Janly-jandarlaryň köpüsinde sürini ýa-da maşgalasyny erkegi goraýar. Süýdemdirijileriň erkek jynslysy has duýgur we gaharjaň bolýar. Janly-jandarlaryň köpüsi özüne degişli çäge kesekileri salmazlyk üçin biri-biri bilen göreşýärler. Bu ýagdaý öküzlerde hem şeýle bolup, köplenç otlaýan meýdanyny we sürini goramak üçin süsüşýärler. Aslynda öküzler gyzyl reňki biziň görşümiz ýaly saýgaryp bilmeýärler. Sebäbi öküzleriň gözünde gyzyl reňki kesgitläp bilýän öýjükler ýok. Şol sebäpli bu jandarlar gyzyl, ýaşyl ýaly reňkleri saýgarmaýarlar. Gyzyl reňk öküzlere sary bilen çal reňkiň garyndysy ýaly bolup görünýär.

Öküzler bilen baglanyşykly maglumatlary aňryýany bilen bilýän matadorlar (öküz bilen göreşýän adam) bu jandaryň gaharyny getirmek üçin dürli emelleri ulanýarlar. Birnäçe gezek gamçy degenden soň öküz meýdançanyň içinde ylgap başlaýar. Şol wagt matador äpet şahly jandaryň öňünden çykyp, gyzyl ýapynjany eýläk-beýläk edýär. Öküz ýapynja tarap topulýan ýaly bolup, kä geçip gidýär, käte bolsa ýapynjany süsýär. Bu ýagdaý öküziň gyzyl reňki halamaýandygy bilen bagly bolman, gamçylanyp gaharynyň getirilmegi hem-de mejburlyk bilen baglydyr.

Ispaniýada ýoň bolan adam bilen öküziň arasyndaky başa-baş söweşlere soňky ýyllarda çäklendirmeler girizilýär. Öküz ýaryşlarynda matadorlaryň ulanýan gyzyl ýapynjasyna muleta diýilýär. Gyzyl ýapynjany ilkinji gezek 1726-njy ýylda ispaniýaly matador Fransisko Romero meýdança alyp çykýar. Matadorlaryň gyzyl ýapynjany öküziň gaharyny getirmek üçin däl-de, belki-de äpet şahly jandardan goranmak üçin ulanýan bolmagy hem ähtimal. Umuman, gyzyl reňk ýa-da gyzyl mata «öküziň burnunyň derlemegine» sebäp bolup bilmeýär.

# KÖRPELERIŇ HALAÝAN TAGAMY

Şokolad körpeleriň iň halaýan tagamy bolsa gerek. Bu süýji iýmitiň ata Watany Meksika hasaplanýar. Taryhda ilkinji gezek 2600 ýyl ozal kokosdan şokolad öndürilip başlanýar. Günorta amerikalylar ilkinji bolup, kakao miwesinden şokolad alýarlar. Ilkibaşda şokolad suwuk tagam bolup, bu içimlik dabaralarda we baýramçylyklarda içilipdir. XVI asyrda ispan syýahatçylary Amerika syýahat edenlerinde astekler olara şokoladly içimlikleri hödür edýärler. Üýtgeşik tagamly bu içimligi Ýewropada taýýarlamak üçin ispanlar kakao miwesiniň dänelerini ýany bilen alyp gaýdýarlar. Şeýlelikde, şokolad Ýewropa ýurtlarynda meşhur içimligiň birine öwrülýär.

Şokolad sözi astek dilinde «turşy içimlik» diýmegi aňladýan «xocoatl» sözünden gelip çykýar. Meksikanyň ýerli halky hasaplanýan astekler bu içimlige dürli ysly otlary, gülleri goşup hem taýýarlapdyrlar. Ispanlar ajy tagamly bu içimligi şeker goşup, süýji iýmite öwrüpdirler. Häzirkilere meňzeş gaty şokolad ilkinji gezek 1650-nji ýyllarda Angliýada peýda bolýar. Şol ýyllar Ýewropada şokolad satýan dükanlar açylyp başlanýar. 1700-nji ýyllarda iňlisler bu ajy iýmiti süýt goşup taýýarlap başlaýarlar. Süýtli şokoladlaryň peýda bolmagy bilen isleg hasda ýokarlanyp, şokoladyň miweli, ir-iýmişli görnüşleri hem öndürilip başlanýar.

Şokoladyň esasy çig maly kakao agajynyň içi däneli miwesi bolup, bu ösümlik Günbatar Afrikada, Günbatar hindi adalarynda we Günorta Amerikada ösdürilip ýetişdirilýär. Kakao agajy 4 ýyldan soň miwe berip başlaýar. Boýy 10 metre çenli ýetýän bu ösümlik ýylda iki gezek hasyl berýär. Beýleki miweli agaçlardan tapawutlylykda kakaonyň miwesi inçejik şahasyndan däl-de, ýogyn baldagyndan ösüp çykýar. Kakaonyň miwesiniň ululygy 35 santimetre çenli bolup, her gozada 20-40 sany däne bolýar. Kakao däneleri guradylandan soň, ilki gowrulyp, soňra üwelýär. Şondan soňra şokolad külkesi önümçilikde peýdalanylýar.

Saglyk üçin peýdaly bolan bu iýmitiň düzüminde E, B witaminleri, demir, sink, mis, magneziýa, kaliý, kalsiý, fosfor ýaly elementler saklanýar. Şeýledigine garamazdan, şokolady az mukdarda iýmek maslahat berilýär.

Şokolad bütin dünýäde iň naýbaşy iýmitleriň biri hasaplanýar. Bu süýji iýmite bagyşlanyp her ýyl dünýäniň dürli künjeginde şokolad festiwallary geçirilýär, gelen myhmanlara şokoladyň dürli görnüşleri hödürlenilýär. Köp ýurtda şokolad muzeýleri hem bar. Olaryň iň meşhury Belgiýadaky «Şokolad obasy» muzeýi hasaplanýar. Dünýäde her ýyl 5 million tonnadan gowrak kakao öndürilýär. Bu ugurda Kot-d'Iwuar we Ekwador döwletleri öňdeligi eýeleýär.

## GYZYKLY MAGLUMATLAR:

☑ Şokolad Şweýsariýada hem-de Angliýada has köp sarp edilýär.

☑ Irki döwürde astekler kakao dänelerini pul birligi hökmünde ulanypdyrlar.

☑ Kakao agajy 100 ýyldan gowrak ýaşap, 25 ýyl ýokary hilli hasyl berýär.

☑ Şokoladyň düzüminde köp mukdarda demir bar.

☑ Şokoladyň düzümindäki ýagda holesterin bolmaýar.

☑ XVIII asyrda lukmanlar kakao ýagyny süýt bilen garyp, derman hökmünde ulanypdyrlar.

☑ Kakaonyň 70 göterimi Afrikada alynýar. Bu ugurda Kot-d'Iwuar iň köp kakao öndürýän ýurt hasaplanýar.

☑ Şokolad 34 göterim gyzgynlykda eräp, 30 dereje sowuklykda 5-7 minutyň içinde gataýar.

### Labirint



### Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**

### 7 tapawudy tapyň!

### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!

Gyzykly pursat

# «Ýuwaş gelniň» gaýyn atasy

Ýer ýüzünde kesp-kär, hünär köp. Megerem, şol kesp-kärleriň, hünärleriň takyk sanyny aýdyp biljek adam tapylmasa gerek. Bir hakykat welin bize aýan, islendik hünäri ilik-düwme öwrenýän, şol hünäri ömrüne hemra edinip, at-abraýa we şöhrata besleýän adamlar bar. Il arasynda olara «Öz käriniň ussady» diýilýär. Halkymyzyň arasynda tebigy zehinler köp. Aktýorçylyk ugrundan düýbünden düşünjesi bolmadyk, emma tebigy zehini

bilen kino sungatyna aralaşyp, halk köpçüliginiň aňynda müdimilik galýan artistlerimiz hem bar. Şolaryň biri hem türkmen kino sungatyna tötänleýin aralaşan Türkmenistanyň at gazanan artisti Şükür Kulyýewdir.

Şükür Kulyýewi halk köpçüligi, esasan, 1970-nji ýylda surata düşürilen «Ýuwaş gelin» atly film esasynda tanaýan bolsalar gerek. Şükür aga bu filmde ýuwaş gelniň gaýyn atasynyň keşbini ussatlarça janlandyryp, halk köpçüliginiň göwnünden turmagy başarypdy. Şol keşbi döredenden soň kinorežissýorlar Şükür Kulyýewi hiç hili synagdan geçirmezden öz surata düşürýän filmlerinde keşp janlandyrmagy ynanypdyrlar. Beýle uly ynamyň diňe ýek-tük artistlere bildirilýändiginiň özi-de Şükür Kulyýewiň ussatlyk derejesiniň juda ýokarydygyny subut edýär.

1913-nji ýylda Mary welaýatynyň Mülk-Bagşy obasynda ussanyň maşgalasynda dünýä inen Şükür turuwbaşdan atasynyň ussaçylyk kärine ymtylyp başlaýar.

Onuň kakasy Işanguly aga neçjar bolupdyr. Şükür «Ata kesbi – ogla halal» diýen pähime eýerip, oglanlykdan agaç ussaçylygy bilen meşgul bolupdyr. Ol hojalykda giňden ulanylýan enjamlardan başga-da, köp wagtyny alýan, oýlanyşykly çemeleşmegi talap edýän esbaplary ýasamagyň hem hötdesinden gelipdir. Şükür aga şähdaçyk, suhangöý, degşip-gülüşmegi çäksiz gowy görýän eken. Ol aýdym-sazdanam gowy baş çykarypdyr. Aýratynam, gyjakda sazlary ussatlarça ýerine ýetiren Şüküriň kino aktýory bolup ýetişmegine kinorežissýor, Türkmenistanyň halk artisti Meret Atahanow sebäp bolýar. Meret aga Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynda işleýän döwürlerinde Şükür aga bilen baýramçylyklarda köp gabat gelşipdir. Meret aga Şüküriň gyjak saz guralynda saz çalyp, özüniň degişmeleridir oýun-henekleri bilen köpçülige hezil berip, il-günüň çuňňur hormat-sylagyny gazanyşyny, oňa suhangöýlügiň, şahandazlygyň tebigy berlip, zehininiň daş ýarýandygyny duýupdyr, mümkinçilik dörän pursadynda Şüküri kinofilmlerde keşp janlandyrmaga çagyrmagy ýüregine düwüpdir. Şeýdip, Şükür Kulyýewe Meret aganyň 1960-njy ýyllarda surata düşüren «Daşgaladaky waka» atly filminde ilkinji gezek ýaşulynyň keşbini janlandyrmak miýesser edipdir. Filmde geljekki ussadyň janlandyran bu keşbi ekranda az salymlyk görünýän bolsa-da, tomaşaçylaryň ýüreginiň töründen hemişelik orun alypdyr. Kino aktýornyň ýa-da teatr artistiniň haýsydyr bir keşbi ussatlyk bilen ýerine ýetirip, tomaşaçylar köpçüliginiň ýüreginiň töründen hemişelik orun alýandygyna durmuşda köp gabat gelinýär. Gürrüňini edýän artistimiziň bolsa tomaşaçynyň onlarça sapar görüp, ýene-de görmegi arzuwlaýan keşpleriniň gaty köpüsini janlandyrandygy şaýatlyk edýär. Olardan «Şeýle-de bolýar-da» atly filminde bufetçiniň, «Göze ilmeýän adam» filminde Garry çopanyň, «Ýanýan furgonyň ýolunda» uzynyň, «Meniň dostum Meleguşda» uçarmanyň, «Japbaklarda» galtamanyň, «Myradyň jadyly kitabynda» ýaşulynyň, «Ýartygulakda» Derwüşiň, «Gyz we gulanjykda» gulan etini satýançynyň, «Ýurt eýesinde» poçtalýonyň, «Tüssesiz ot bolmazda» garawulyň, «Mukamyň syrynda» Porhan atanyň, «Ketjal» filminde bolsa babanyň keşpleri aktýora abraý getiren keşpler bolupdy. Şükür Kulyýew diňe bir türkmen kinolarynda keşp janlandyrman, eýsem, beýleki ýurtlaryň filmlerinde-de özüniň aktýorçylyk ussatlygyny görkezmegi başarypdy. Halk köpçüligi ony «Özbekfilm» kinostudiýasynyň önümi bolan «Gyzylgum» atly filminde döreden keşbi, «Mosfilmiň» önümi bolan «Söýmek gerek» atly filminde döreden keşbi bilenem tanaýan bolsalar gerek. Şükür aga meşhur rus artisteri Ýuriý Nikulin hem-de Spartak Mişulin, özbek artisteri we režissýorlary, şeýle-de türkmen teatr hem kino sungatynyň ägirtleri Alty Garlyýew, Bazar Amanow, Durdy Saparow, Sary Garryýew, Baba Annanow, Artyk Jallyýew, Akmyrat Bäşimow, Meret Atahanow, Osman Saparow, Kakow Orazsähedow ýaly ussatlaryň ýokary bahasyna mynasyp bolan artistdir.

Ýeri gelende, belli kinorežissýor, meşhur «Japbaklar» filmini surata düşüren Türkmenistanyň halk artisti Kakow Orazsähedowyň Şükür Kulyýew barada aýdan ýagşy ýatlamalaryny okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildik:

— Şükür Kulyýew meniň iň gowy görýän artistlerimiň biridi. Ol kino ugrundan ýörite bilim alan adam bolmasa-da zehini tebigy berlen. Şükür aga zähmet ýoluna başlanda daýhan birleşiginde hem-de başga-da birnäçe ýerlerde işleýär. Ol nirede işlese-de dürli häsiýetdäki adamlara öýkünjeňligi, ýiti gülkä ýugrulan şorta sözleri, degişmeleri bilen köpçülige özüni tanadypdyr. Onuň zähmetiniň agramly bölegi Mary şäheriniň agaç işläp bejeriji kärhanasynda geçýär. 1960-njy ýyllarda Şükür aganyň kärdeşleri oňa çeper höwesjeňleriň çykyşlaryna gatnaşmagy maslahat berýärler. Şondan soň Şükür Kulyýew çeper höwesjeňleriň etrap, welaýat gözden geçirişlerinde çykyş edýär. Onuň zehini tebigy berlen. Onuň daş keşbem, häsiýetem Sary Garryýewe meňzeşräkdir. Men «Japbaklar» filmini surata düşürýärkäm, Şükür aganam çagyrdym. Şonda Sary Garryýew Şükür agany görüp: «Bäh, biz ýaly burunlagyň birini getiripsiňiz, hany burnuňy bir ýana sow, geçeli» diýeninden, Şükür aga-da burnuny bir gapdala gaňryp: «Arkaýyn geçiber» diýip, biri-birinden beter degişýärdiler.

Şükür aga juda sadady. «Japbaklar» filminde Gurban Keljäýew ikisi galtamanyň keşbini janlandyrýarlar. Şonda guýa sallanmaly pursat bardy. Gurban Keljäýew mekirräkdi. Taýýarlykda her sapar ýüp kesilende, ol Şükür aganyň üstünden gaýdýardy. Ahyry Şükür aga muňa çydaman: «Kakow jan, men-ä heläk etjek bu» diýdi. Onsoň men: «Arkaýyn bol, Şükür aga!» diýdime, ýüpüň beýleki tarapyny kesip goýberdim welin, duýman durka Gurbanyň üstünden Şükür aga gaýtdy. Şonda Şükür aga bende «Ähli arymy aldym öýdýän» diýip, jak-jak güldi.

Ussa, sazanda, aktýor – bu üç käri öz kalbynda kemala getirip bilýän adam diňe ýüz ýyldan bir gezek dogulýarmyş. Ana şeýle adamlaryň biri hem Şükür agamyzdyr. Şükür aga özüniň professional artist däldigine seretmezden, türkmen kino sungatynyň taryhynda ýatdan çykmajak yz galdyrmagy başaran ynsandy. Ol ýurdumyzda meşhur bagşy-sazandalar Çary Täçmämmedow, Ödenýaz Nobatow, Sahy Jepbarow ýaly ussatlar bilenem duz-emek bolup gatnaşypdyr. Şükür aga türkmen kino sungatynyň guwanjydy. Ol oba ýaşulusynyň keşbini döretmekde ussatdy. Onuň diňe «Ýuwaş gelin» filminde döreden gaýyn atasynyň keşbi hem nusgalykdyr. Bu barada ýuwaş gelniň keşbini janlandyran, Jebel şäheriniň ýaşaýjysy Tatýana Moskalenko şeýle ýatlaýar: «Ýuwaş gelin» filminde Selbiniň keşbinde çykyş edenimden soň, men Şükür agany durmuşda-da hut öz gaýyn atam ýaly sylap ugradym. Ol mähremdi, dözmezekdi, örän giň adamdy».

Halk içinde şeýle ussatlara baha berlende «Guýmagursak zehinli», «Hakdan içen» diýen ýaly sözler häli-şindi ulanylýar. Beýle diýildigi öwgüsi ýetirilýäniň ussatlyk derejesiniň juda ýokarydygyny söz bilen beýan etmegiň mümkin däldigini añladýar. Ussat aktýor Şükür Kulyýew barada gürrüň edilende-de ýokarda agzalyp geçilen sözleri isleseň-islemeseň ulanmaly bolýar. Dogrusy bu artist öwgä, tarypa mätäç adam däldi. Ol filmlerde ussatlyk bilen döreden öçmez-ýitmez derejä ýeten keşpleri bilen tomaşaçylaryň kalbynyň töründen hemişelik orun alan ussat aktýordy. Köpleriň söýgüli artisti Şükür Kulyýewiň türkmen kino sungatyna goşan saldamly goşantlary nazara alnyp, 2013-nji ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Halypa, ussat aktýor Şükür Kulyýew 1991-nji ýylyň awgust aýynyň 31-ine 78 ýaşynda aradan çykýar. Onuň sungatda goýan yzy halkymyzyň ruhuny baýlaşdyryp, göwnüni götermekde iňňän uly ähmiýete eýedir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň medeniýetimize, sungatymyza goýýan sarpasy türkmen sungatynda görnükli yz galdyryp, Şükür Kulyýew ýaly zehinli artistleriň geçen durmuş ýoly hakynda giňişleýin söhbet açmaga mümkinçilik berýär. Munuň özi bolsa, diýseň, guwandyryjy ýagdaýdyr.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» döwlet birleşiginiň hünärmeni.*

## 37-nji SKANWORD

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Tudana meňzeş miwe | Simden örülen ýogyn ýüp | Atyr, müşk | Müçe ýyllarynyň biri / Tagamly, süýji | | Gaýtaryp bermek şerti bilen alynýan ýa-da berilýän pul |
| | | | Belli bir netijesiz, kararsyz | Gaýduwsyz, hyjuwly | Ruhy we maddy taýdan pese düşen, horhomsy | | | Çagajyga mamasy, babasy tarapyndan berilýän mal |
| | | | «Microsoft» maglumat baglanyşyk faýly | Uly jaý, beýik bina | | Amerikan egin-eşik kompaniýasy | Welosipediň tormozyny oýlap tapan nemes mehanigi Ernst... | Bilimli, paýhasly (köne söz) |
| Dünýäde iň köp içilýän içimlik | | Belli bir tema boýunça köpçüligiň öňünde beýan edilýän habar | Örän az, sähelçe | | | | | |
| | | | Agyzdan, burundan öýken arkaly alynýan hem goýberilýän howa | | Içine çörek dolanýan ýörite mata | «Howa» sözüniň iňlisçesi | | |
| Bir ýere gitmek, ýük daşamak üçin ulanylýan serişde | | Içine bäbek salnyp üwrelýän enjam | | | | | | Göz, göreç (köne söz) |
| | | | Tutda ýapraklamazyndan öň bolýan tudana meňzeş tozga | Ýewropanyň energetika kompaniýasy | Kilogramyň müňden bir bölegi | Horezmiň türki şahyry | «Söz görki – nakyl, bilene – ...» (nakyl) | |
| Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer | | Jaýyň üstüniň iki tarapy ýapgyt edilip ýapylýan görnüşi | | | | | | «Sabyr diýibi ... altyn» (nakyl) | Näbelli, ikuçly |
| | | | Gan bilen üpjün edýän esasy gan damary | | | «Patyşa» sözüniň iňlisçesi | | |
| Internet toruny döreden inžener Tim Berners... | Himiki elementiň iň kiçi bölejigi / Agyrlyk ölçegi | | | | Gidilýän ýol, tarap | «... altyn sagdagym, enem unly bogdagym» (nakyl) | Rus awtoulag kysymy | Gar, ýagyş görnüşinde ýagýan ýagyn |
| | | | Musulman ýyl senenamasynda aýyň ady | Mekdeplerde okadýan, sapak berýän hünärmen | | | | |
| Himiki element | | | | Hamyr ýugrulyp bişirilýän çörek | Bagt (köne söz) | | Zäherli tropik gurbagasy | |
| Aziýada bir döwlet | Hudaýa bolan ynam, ynanç | Ahy-nala, zeýrenç | | | Daşdan, alysdan | | | |
| | | | | Bir hereketi, alamaty ýagşylyga ýormak däbi | | | Birsydyrgyn bolmadyk | |



## 44-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Sazyň, aýdymyň ýakymly labyzly sesi. **2.** «Talygym ukuda galmyş, / Bir açylmyş ... islärin» (Magtymguly Pyragy). **3.** Oglan ady. **4.** Çingiz hanyň üçünji ogly. **5.** Oskarly zenan aýdymçy. **6.** Ozalky, geçen. **9.** «Ata ... aman bolsa, reňki-roýuň saman bolmaz» (Paýhas çeşmesi). **12.** Tokaý jandary. **14.** Tuty. **15.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **16.** Şazada (köne söz). **18.** Duşuşma, gowuşma. **21.** Höwes, isleg, hyýal. **23.** Nahar bişirýän adam. **25.** Bir wakany beýan edýän, kyssa görnüşli ýazylan çaklaňrak çeper eser. **26.** Nahar bişirilýän jaý, otag. **28.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **29.** Aýdym, heň (köne söz). **30.** Akyldar, parasatly. **31.** Watan, ýurt.

● **KESELIGINE:** **2.** Saz guraly. **7.** Ýurdumyzda dynç alyş zolagy. **8.** Oglan ady. **10.** Somsanyň bir görnüşi. **11.** Sütem, zulum. **13.** Gadymy Rimde ýaşan halkyň dili. **14.** Boýy kiçijik at. **15.** Ýewropa ölçeg birligi. **17.** Ýurdumyzda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» derejesini alan şäher. **19.** Keşde salnyp tikilen, kellä geýilýän börük. **20.** Ösümlik dünýäsi. **22.** Ýuwaşlyk, seresaplylyk bilen. **24.** Özüňi alyp baryşda il içinde oňlanýan gylyk-häsiýet. **27.** Birnäçe wagt mundan öň, öňki wagtlar. **28.** Aw etmek üçin gural. **30.** Bir zadyň bolup geçýän, dowam edýän wagt aralygy. **32.** Çilide uly çöl. **33.** Bir zadyň düzülip goýlan hatary. **34.** Gymmat bahaly sütükli jandar. **35.** Aralamak ýagdaýy.

**36-njy skanwordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ■ | B | I | K | E | ■ | U | G | L | E | R | O | D | ■ | ■ |
| ■ | A | ■ | E | ■ | U | ■ | U | ■ | ■ | I | R | ■ | ■ | ■ |
| U | R | U | Ş | ■ | Ç | Ö | P | J | A | G | A | Z | ■ | ■ |
| ■ | ■ | T | U | G | ■ | B | A | L | ■ | K | ■ | ■ | ■ | ■ |
| M | Ä | Ş | ■ | ■ | U | ■ | A | M | P | U | L | A | ■ | ■ |
| A | ■ | A | ■ | A | R | Y | ■ | B | ■ | Z | ■ | T | ■ | ■ |
| S | A | M | A | N | ■ | ■ | G | Ö | Z | A | R | A | ■ | ■ |
| Ş | ■ | A | ■ | T | ■ | K | A | R | A | K | A | S | ■ | ■ |
| T | U | R | P | ■ | Ö | R | T | Ü | K | ■ | Ý | ■ | ■ | ■ |
| A | ■ | ■ | I | ■ | S | A | L | K | Y | M | ■ | G | ■ | ■ |
| B | M | W | ■ | P | E | N | A | ■ | J | E | Z | A | ■ | ■ |
| ■ | U | ■ | S | A | N | ■ | K | R | A | T | E | R | ■ | ■ |
| A | Ş | G | A | R | ■ | B | ■ | ■ | ■ | A | Ý | A | ■ | ■ |
| ■ | M | ■ | M | A | U | R | ■ | G | A | F | ■ | L | ■ | ■ |
| S | U | M | A | H | ■ | A | Ş | Y | G | O | T | Y | ■ | ■ |
| ■ | L | ■ | R | A | G | U | ■ | Ý | A | R | A | ■ | ■ | ■ |
| M | A | N | A | T | ■ | N | I | A | G | A | R | A | ■ | ■ |

**43-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ý | O | L | B | A | R | S | ■ | B | ■ | G | I | R | E | L | G | E |
| A | ■ | G | A | R | ■ | A | L | A | J | A | ■ | O | Ý | A | ■ | L |
| Ý | ■ | ■ | S | K | A | T | ■ | L | ■ | M | Ä | N | E | ■ | ■ | A |
| L | O | M | ■ | T | R | E | K | ■ | D | A | Ş | A | ■ | T | Ä | Ç |
| Y | ■ | ■ | I | T | ■ | ■ | B | ■ | ■ | E | L | ■ | ■ | ■ | ■ | Y |
| M | E | S | ■ | K | ■ | E | ■ | O | ■ | E | ■ | D | ■ | G | Ö | K |
| ■ | ■ | U | H | A | ■ | S | E | Ý | I | L | ■ | O | B | A | ■ | ■ |
| G | U | W | ■ | ■ | ■ | T | ■ | B | ■ | I | ■ | ■ | ■ | R | A | Ý |
| ■ | ■ | K | Ö | M | Ü | R | ■ | O | ■ | P | A | N | D | A | ■ | ■ |
| Ä | G | Ä | ■ | ■ | ■ | A | ■ | D | ■ | B | ■ | ■ | ■ | M | A | H |
| ■ | ■ | D | E | P | ■ | D | Ü | R | B | I | ■ | A | L | A | ■ | ■ |
| A | L | I | ■ | I | ■ | A | ■ | O | ■ | Ý | ■ | L | ■ | T | E | N |
| S | ■ | ■ | ■ | N | E | ■ | ■ | N | ■ | ■ | N | I | ■ | ■ | ■ | E |
| A | G | A | ■ | G | R | A | M | ■ | Ä | L | E | M | ■ | B | A | Ş |
| W | ■ | ■ | O | W | A | Z | ■ | I | ■ | O | P | E | L | ■ | ■ | D |
| A | ■ | I | K | I | ■ | Y | S | N | A | T | ■ | N | A | Ý | ■ | E |
| Ç | U | K | A | N | A | K | ■ | I | ■ | O | K | T | Ý | A | B | R |

# ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Milli ligasynda 20-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Altyn asyr» toparyny kabul edip, garşydaşyny 5–1 hasabynda ýeňdi. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Altymyrat Annadurdyýew (27 p, 59), Ilýa Tamurkin (36), Şanazar Tirkişow (58) hem-de Resul Röwşenmyradow (86 ö.d.) geçirdi. «Altyn asyr» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 78-nji minutda Röwşengeldi Halmämmedow öz adyna ýazdyrdy.

Paýtagtda oýnalan «Köpetdag» – «Ahal» duşuşygynda 5 gol hasaba alnyp, myhmanlar 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Eýýäm 1-nji ýarymda 3-0 hasabynda öňe geçen «Ahalyň» adyndan 23-nji minutda Elman Tagaýew, 30-njy minutda Salim Umarow, 32-nji minutda Daýanç Meredow hem-de 73-nji minutda Gurbanmuhammet Esenow tapawutlandy. «Köpetdag» toparynyň ýeke goluny bolsa 68-nji minutda Galabeg Jumamyradow derwezä girizdi.

Jemi 8 futbolçynyň (2-si ýer eýelerinden, 6-sy myhmanlardan) sary kart alan duşuşygynda «Merw» öz meýdançasynda «Nebitçiden» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda balkanabatlylar 4-nji minutda Myratdurdy Baýramowyň goly bilen öňe geçse-de, ýer eýeleri dessine, 6-njy minutda Abdyresul Abdyýewiň goly esasynda hasaby deňledi. «Merw» toparynyň ýeňiş goluny bolsa 90+7-nji minutda Perman Hallyýew derwezä girizip, toparyna 3 utuk gazandyran oýunçy boldy.

«Şagadam» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da ýer eýeleri 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda «Şagadam» topary 8 minutda 3 gol geçirdi. Gollary 61-nji minutda Musa Nazarow hem-de 67-nji we 69-njy minutlarda Mekan Aşyrow derwezä girizdi. Duşuşykdaky 4-nji goly-da «Şagadam» toparynyň oýunçysy geçirip, 85-nji minutda Didar Tejenow topy ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden saldy.

19-njy tapgyryň galdyrylan duşuşygynda «Altyn asyr» topary «Merwiň» derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollaryň 2-sini Röwşengeldi Halmämmedow (20, 25), beýlekileri-de Myrat Annaýew (11 p), Ahmet Ataýew (34) hem-de Mihail Titow (50 p) geçirdi. Şeýle-de, 21-nji tapgyryň wagty öňe süýşürilen duşuşygynda «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Nebitçini» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Sanawyň lideriniň gollarynyň 2-sini Didar Durdyýew (12 p, 27), 2-sini Altymyrat Annadurdyýew (81 p, 85), beýlekisini-de Begmyrat Baýow (42) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Nebitçi» toparynyň ýeke-täk goluny 13-nji minutda Muhammet Annaýew derwezä girizdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 19 | 19 | 0 | 0 | 93-11 | 57 |
| 2 | «AHAL» | 18 | 13 | 1 | 4 | 42-18 | 40 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 18 | 13 | 1 | 4 | 49-22 | 40 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 18 | 9 | 0 | 9 | 25-26 | 27 |
| 5 | «MERW» | 18 | 8 | 0 | 10 | 14-36 | 24 |
| 6 | «NEBITÇI» | 19 | 5 | 1 | 13 | 15-39 | 16 |
| 7 | «AŞGABAT» | 18 | 5 | 1 | 12 | 15-40 | 16 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 18 | 3 | 4 | 11 | 12-36 | 13 |

# «Arkadag» toparynyň bäsdeşleri belli boldy

Aziýa Futbol Konfederasiýasy tarapyndan ady üýtgedilip täzeden dikeldilen ozalky AFK-nyň Prezidentiniň Kubogy, häzirki AFK Çagyryş Kubogy ýaryşyna wekilçilik edýän ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» toparynyň bäsdeşleri belli boldy. «Arkadag» topary Günbatar sebitinde «B» toparçada çykyş eder. Ildeşlerimiz «B» toparçada Kuweýtiň «Al-Arabi», Maldiw adalarynyň «Maziýa» hem-de Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata Kant» toparlary bilen duşuşar. Umumylykda ýaryşyň toparçalaýyn tapgyry merkezleşdirilen görnüşde, ýagny her toparçanyň duşuşyklary 1 ýurtda geçiriler. «B» toparçanyň duşuşyklary-da Kuweýtiň paýtagty Kuweýt Sitidäki «Al Kuwait Sports Club» stadionynda oýnalar. «Arkadag» topary 1-nji duşuşygyny 26-njy oktýabrda Maldiwleriň «Maziýa» topary bilen geçirse, 29-njy oktýabrda 2-nji duşuşygyny «Abdyş-Ata» topary bilen güýç synanyşar. Ýurdumyzyň wekiliniň 3-nji duşuşygy 1-nji noýabrda ýer eýeleri «Al-Arabi» topary bilen bolar.

Ýaryşa jemi 18 klub gatnaşýar. Klublar Günbatar sebitinde 4 toparly 3 toparça, Gündogar sebitinde-de 3 toparly 2 toparça paýlandy. Günbatar sebitindäki toparçalarda 1-nji orny eýelänler (3 klub), Gündogar sebitinden bolsa her toparçada 1-2-nji orny eýelänler (4 klub) çärýek finala çykar. Günbatar sebitindäki toparçalarda 2-nji ýeri eýelän 3 klubuň arasyndan iň gowy netije görkezen topar hem çärýek finalda oýnamaga hukuk gazanar. Çärýek finalyň oýunlary 2025-nji ýylyň mart aýynda, ýarym final duşuşyklary aprel aýynda oýnalar. Final duşuşygy bolsa 2025-nji ýylyň 10-njy maýynda geçiriler.

2005-2014-nji ýyllarda AFK-nyň Prezidentiniň Kubogy ady bilen geçirilen ýaryşyň soňky 2 çempiony ýurdumyzyň toparlary bolup, «Nebitçi» 2013-nji, «Ýedigen» 2014-nji ýylda ýeňiş gazanypdy. Umumylykda Täjigistanyň «Regar Tadaz» topary (2005, 2008, 2009) 3, Gyrgyzystanyň «Dordoi-Dinamo» topary (2006, 2007) 2, şeýle-de, Mýanmanyň «Ýadanarbon» topary (2010), Hytaý Taýpeýiniň «Taipower» topary (2011) hem-de Täjigistanyň «Istiklol» topary (2012) 1 gezek kubogy eýeledi.

**Günbatar sebiti**

- **«A» toparça (Butan):** «Ist Bengal» (Hindistan), «Nejmeh» (Liwan), «Başundhara Kings» (Bangladeş), «Paro» (Butan)
- **«B» toparça (Kuweýt):** «Al Arabi» (Kuweýt), «Arkadag» (Türkmenistan), «Maziýa» (Maldiwler), «Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)
- **«C» toparça (Oman):** «Al-Ahli Klub» (Bahreýn), «Al-Fotuwa» (Siriýa), «Al-Sib» (Oman), «Hilal Al-Kuds» (Palestina)

**Gündogar sebiti**

- **«D» toparça (Mýanma):** «Şan Ýunaýted» (Mýanma), «Taiwan Stil» (Hytaý Taýpeýi), «Ýang Elefants» (Laos)
- **«E» toparça (Mongoliýa):** «Madura Ýunaýted» (Indoneziýa), «Preah Han Riç Swaý Rien» (Kamboja), «SP Falkons» (Mongoliýa)

# XVII tomusky Paralimpiýa oýunlaryna badalga berildi

Fransiýanyň paýtagty Parižde XVII tomusky Paralimpiýa oýunlaryna badalga berildi. Şäherdäki Konkord meýdanynda gatnaşýan ýurtlaryň paralimpiýa türgenleriniň uly şowhun bilen geçirilen açylyş dabarasy täsirli wakalara baý boldy.

8-nji sentýabra çenli dowam etjek Paralimpiýa oýunlaryna 169 ýurtdan 4400 türgen wekilçilik eder. Olar Paralimpiýa sportunyň umumylykda 22 görnüşi boýunça özara bäsleşerler. Olara medallar toplumynyň 549-sy gowşurylar. Paralimpiýa oýunlara iň köp hytaýly türgenler gatnaşýar. Bu ýurtdan 284 paralimpiýaçy wekilçilik eder. Braziliýa 256, ýer eýeleri Fransiýa 239, ABŞ 220, Beýik Britaniýa 201 türgen bilen öňdäki bäşligi eýeleýärler.



Iň köp medal para ýeňil atletikadan gowşurylar. Paralimpiýa sportunyň bu görnüşi boýunça medallar toplumynyň 164-si ýeňijilere berler.

# Parižde goýan rekordyny 1 santimetr ösdürdi

**Polşanyň Hožuw şäherinde (Sileziýa regiony) geçirilen ýeňil atletika bäsleşigi bolan Göwher Liganyň nobatdaky tapgyrynda 2 dünýä rekordy goýuldy.**

Şwesiýaly ýeňil atletikaçy Armand Duplantise rekord çydanok. Syrykly bökmegiň ägirdi, 24 ýaşyndaky türgen Göwher Liganyň çäginde Polşanyň Hožuw şäherinde geçirilen tapgyrynda 20 günden soň Pariž 2024 Olimpiýa oýunlarynda goýan rekordyny täzeledi. Ol 6,26 metr beýige böküp, rekordyny 1 santimetr ösdürdi. Bu onuň karýerasyndaky 10-njy Dünýä rekordy hökmünde hasaba alyndy.

# 28 ýyllyk rekordy täzeledi

Erkekleriň arasynda 3000 metre ylgamakda norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen dünýä rekordyny täzeledi. Ol 7 minut 17,55 sekuntda pellehana gelmegi başardy. Bu görkeziji rekorda deň bolup, Olimpiýa oýunlarynyň çempiony Ingebrigtsen 28 ýyllyk dünýä rekordyny täzeledi. Bu ugurda ozalky rekord keniýaly Daniel Komene degişli bolup, ol 1996-njy ýylda Italiýanyň Rieti şäherçesinde 3000 metr aralygy 7 minut 20,67 sekuntda geçipdi.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

30-njy awgust (anna)
Inter – Atalanta (23:45)

31-nji awgust (şenbe)
Arsenal – Braýton (16:30)
Werder – Borussiýa D (18:30)
Barselona – Walýadolid (20:00)
West Ham – Man Siti (21:30)
Baýer – Leipsig (21:30)
Atletik – Atletiko (22:00)
Lasio – Milan (23:45)
Napoli – Parma (23:45)
Sporting – Porto (00:30)
Walensiýa – Wilýarreal (00:30)

1-nji sentýabr (ýekşenbe)
Çelsi – Kristal Palas (17:30)
Nýukasl – Tottenham (17:30)
Monako – Lans (18:00)
M. Ýunaýted – Liwerpul (20:00)
Bawariýa – Fraýburg (20:30)
Lokomotiw – Krasnodar (21:45)
Ýuwentus – Roma (23:45)
Lill – PSŽ (23:45)
Real Madrid – Betis (00:30)

# Meşhur tälimçiler aradan çykdy

Germaniýaly meşhur tälimçi Kristof Daum 70 ýaşynyň içinde aradan çykdy. 1953-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Gündogar Germaniýada dünýä inen Daum futbolçylyk karýerasyny «Aýntraht Duisburg» hem-de «Köln II» klublarynda geçirdi. 1986-njy ýylda tälimçilige başlan Daum «Köln» (1986–90, 2006–09), «Ştutgart» (1990–93), «Beşiktaş» (1994–96, 2001–02), «Baýer» (1996–2000), «Austria» (2002–03), «Fenerbahçe» (2003–06, 2009–10), «Aýntraht Frankfurt» (2011), «Klub Brýugge» (2011–12), «Bursaspor» (2013–14) klublaryna, şol sanda Rumyniýanyň milli ýygyndysyna tälim berdi. Ol 1992-nji ýylda «Ştutgart» bilen «Bundesligada», 1995-nji ýylda «Beşiktaş», 2004-nji we 2005-nji ýyllarda «Fenerbahçe» bilen «Süper Ligde», 2003-nji ýylda «Austria» bilen Awstriýanyň «Bundesligasynda» çempionlyklar gazandy. Şol sanda kubok hem-de Super Kubok ýaryşlarynda ýeňiji bolan Daum «Köln» bilen 2, «Baýer» bilen 3, «Fenerbahçe» bilen 1, «Klub Brýugge» bilenem 1 gezek milli çempionatlarda kümüş medala mynasyp boldy.

Soňky ýyllarda düwnük keselinden ejir çeken Daum tälimçilik karýerasynda 1005 duşuşygyň 530-synda ýeňiş gazandy. Daum 2000-nji ýylda Germaniýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine-de bellenmäge golaý gelipdi. Ýöne ýüze çykan käbir wakalardan soň, bu wezipä başlamazdan taşlamaly bolupdy.

Dünýä futbolynyň belli tälimçilerinden şwesiýaly Swen-Goran Eriksson 76 ýaşynda aradan çykdy. 1948-nji ýylyň 5-nji fewralynda dünýä inen Eriksson ýurdunyň «Torsbi», «Sifhalla», «Karlskoga» ýaly klublarynda futbol oýnady. 1977-nji ýylda tälimçilige baş goşan Eriksson Şwesiýanyň «Degerfors» (1977–78), «Gýoteborg» (1979–82), Portugaliýanyň «Benfika» (1982–84, 1989–92), Italiýanyň «Roma» (1984–87), «Fiorentina» (1987–89), «Sampdoriýa» (1992–97), «Lasio» (1997–2001), Angliýanyň «Mançester Siti» (2007–08), «Lester Siti» (2010–11) hem-de Hytaýyň «Guangžou R&F» (2013–14), «Şanhaý SIPG» (2014–16), «Şenzen» (2016–17) klublarynda, şol sanda Angliýanyň (2001–06), Meksikanyň (2008–09), Kot-d'Iwuaryň (2010) hem-de Filippinleriň (2018–19) milli ýygyndylarynda tälimçi boldy.

Eriksson «Benfika» bilen 3, «Lasio» bilenem 1 gezek milli çempionatlarda çempion bolmagy başardy. «Gýoteborga» 1982-nji ýylda UEFA Kubogyny gazandyran Eriksson «Lasio» bilen UEFA Kubogyny hem-de ozalky UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň çempionlygyna ýetdi. Ol karýerasy boýunça 18 kubok gazandy. Angliýanyň milli ýygyndysyna tälim beren ilkinji daşary ýurtly tälimçi bolan Eriksson tälimçilik karýerasyndaky 1207 duşuşygyň 629-synda ýeňiş gazandy.

# ÇEMPION ÝEŇŞI ÝATDAN ÇYKARDY

**Niderlandlaryň Zandwoort şäherinde geçirilen Formula 1 boýunça möwsümiň 15-nji ýaryşynda «McLaren» toparynyň britaniýaly sürüjisi Lando Norris ýeňiş gazandy. Ol şäheriň adybir trassasynda guralan 72 aýlawdan ybarat bolan ýaryşy 1 sagat 30 minut 45,19 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň karýerasyndaky 2-nji ýeňşidir. Norrisden 22,896 sekunt yza galan «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 2-nji ýeri eýeledi. Ol 2021-nji ýyldan soň gaýtadan sanawa girizilen bu «Gran Pride», ýagny öz ýurdunda ilkinji gezek ýeňiş gazanyp bilmedi. Şol bir wagtyň özünde-de Werstappene 5 ýaryşdan bäri birinji bolmak başardanok.**

**Ýaryşda 3-nji orna «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler mynasyp bolup, ol ýeňijiden 25,439 sekunt soň pellehana geldi.**

**15-nji ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda Maks Werstappen 295 utuk bilen öňdeligini saklap gelýär. 2-nji ýerdäki Lando Norrisiň 225, 3-nji basgançakdaky Şarl Leklerиň 192 utugy bar.**

**Möwsümiň 16-njy ýaryşy 1-nji sentýabrda Italiýanyň Monza şäherinde geçiriler.**

# ÝEWROPANYŇ ÖŇDEBARYJY ÇEMPIONATLARYNDA

**Holann hem-de Madueke het-trik etdi**

Angliýanyň çempionatynda soňky çempion «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Ipswiç Tawn» bilen duşuşdy. Duşuşykda myhmanlar Şmodiksiň 7-nji minutdaky goly bilen öňe geçse-de, ýer eýeleri Holannyň het-trik (12 p, 16, 88) eden oýnunda 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Holann «Premier Ligada» 7-nji gezek

het-trik etmegi başardy. «Arsenal» geçen möwsümde özüne çempionlyk ýolunda uly päsgelçilik döreden «Aston Willany» bu gezek myhmançylykda Trossar hem-de Partiniň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Şol netije «Liwerpul» bilen «Brentfordyň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, ýer eýeleri Luiz Diaz we Mohamed Salahyň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi. Myhmançylykda «Braýton» bilen duşuşan «Mançester Ýunaýted» 90+5-nji minutda geçirden goly esasynda ýeňlişe sezewar boldy (Welbek 32, Žoao Pedro 90+5 — Diallo 60). Tapgyryň iň köp golly duşuşygynda «Çelsi» myhmançylykda «Wulwerhempton» toparyndan 6–2 hasabynda üstün çykdy. «Çelsi» 1-nji ýarymda 2 gezek öňe saýlansa-da, her saparynda ýer eýeleri jogap bermegi başardy. Ýöne 2-nji ýarymda başgaça oýun görkezen «Çelside» Madueke 14 minutda 3 gol geçirip, uly hasaply ýeňşe saldamly goşant goşdy. Onuň gollarynyň pasynyň 3-sini hem 1 gol geçiren Koul Palmer berdi. Duşuşykda oýna soň giren täze transfer Žoao Feliks

«Çelsidäki» 2-nji başdangeçirmesine gol bilen başlady (Mateus Kunýa 27, Strand Larsen 45+6 — Jekson 2, Palmer 45, Madueke 49, 58, 63, Feliks 80).

**«Premier Ligada» 2-nji tapgyryň netijeleri:** Braýton—Man. Ýunaýted: 2–1, K. Palas—West Ham: 0–2, Fulham—Lester: 2–1, Man. Siti—Ipswiç: 4–1, Southempton—N. Forest: 0–1, Tottenham—Ewerton: 4–0, Aston Wilա—Arsenal: 0–2, Bornmut—Nýukasl: 1–1, Wulwerhempton—Çelsi: 2–6, Liwerpul—Brentford: 2–0.

**«Ýuwentus» ýene-de jogapsyz 3 gol geçirdi**

Italiýanyň çempionatynda «Ýuwentus» täze möwsüme juda şowly başlady. Tiago Mottany tälimçilige bellän «Ýuwentus» 2-nji tapgyrda-da 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Myhmançylykda «Weronanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizen «Ýuwentusda» Wlahowiç (28, 53 p) bilen Sawona (39) tapawutlandy. Geçen tapgyrda «Weronadan» 3–0 hasabynda asgyn gelen «Napoli» Di Lorenzonyň, Kwarasheliýanyň hem-de Simeoneniň gollary esasynda şol hasap bilen

«Bolonýany» ýeňdi. Soňky çempion «Inter» myhmançylykda öz meýdançasynda «Leççeni» Darmian (5) hem-de Çalhanoglunyň (69 p) gollary esasynda 2–0 hasap bilen utdy. 1-nji tapgyry deňlikde tamamlan «Milan» myhmançylykda «Parmadan» 2–1 hasabynda ýeňlip, möwsüme juda şowsuz başlady. «Empoli» bolsa Rimde «Romadan» 2-1 hasabynda üstün çykyp, taryhynda ilkinji gezek garşydaşyny myhmançylykda ýeňmegi başardy.

**«Serie A»-da 2-nji tapgyryň netijeleri:** Parma—Milan: 2–1, Udineze—Lasio: 2–1, Inter—Leççe: 2–0, Monza—Jenoa: 0–1, Fiorentina—Wenesiýa: 0–0, Torino—Atalanta: 2–1, Napoli—Bolonýa: 3–0, Roma—Empoli: 1–2, Kaliari—Komo: 1–1, Werona—Ýuwentus: 0–3.

**«Baýer» galan ýerinden dowam edýär**

Germaniýanyň «Bundesligasynyň» täze möwsümi – 62-nji möwsümi çempionyň ýeňşi bilen başlady. Geçen möwsümden galan ýerinden dowam edýän «Baýer» ýene bir ýola oýnuň iň soňky minutlarynda geçiren goly esasynda üstün çykyp, möwsüme ýeňiş bilen başlady. Geçen hepdede Super Kubok ugrundaky duşuşykda soňky minutlarda geçiren goly esasynda hasaby deňläp, penaltilerde ýeňiji bolan «Baýer» myhmançylykda

«Borussiýa M» toparyny 3-2 hasabynda utdy. «Baýer» Džakanyň (12) hem-de Wirtsiň (38) gollary bilen 2-0 öňe saýlansa-da ýer eýeleri 2-nji ýarymda Elwediniň (59) hem-de Klýaýndinstiň (85) gollary bilen hasaby deňledi. Ýöne 90+11-nji minutda Florian Wirtsiň ýerine ýetiren penaltisini derwezeçi saklasa-da, gaýtadan uran urgusyny oňa sowmak başartmady we lewerkuzenliler 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Geçen möwsümde soňky minutlarda geçiren gollary bilen ýa hasaby deňlän, ýa-da ýeňiş gazanan «Baýeriň» bu statistikasy täze möwsümde-de dowam edýär. «Baýer» çempionatda 35 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Bu ugurda rekord «Bawariýa» degişli bolup, münhenliler 2012-2013-nji ýyllarda milli çempionatda 53 oýunda ýeňilmändi. Myhmançylykda «Wolfsburg» bilen duşuşan «Bawariýa» garşydaşyny 3–2 hasabynda utdy. «Borussiýa Dortmund» bolsa öz meýdançasynda «Aýntrahty» Baýnou-Gittensiň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi.

**«Bundesligada» 1-nji tapgyryň netijeleri:** Borussiýa M—Baýer: 2–3, Leipsig—Bohum: 1–0, Hoffenhaým—Holştaýn: 3–2, Fraýburg— Ştutgart: 3–1, Augsburg—Werder: 2–2, Maýns—Union Berlin: 1–1, Borussiýa D—Aýntraht: 2–0, Wolfsburg—Bawariýa: 2–3, Santk-Pauli—Haýdenhaým: 0–2.

**Fransiýada PSŽ-niň şemaly belentden öwüsýär**

Fransiýanyň PSŽ topary tomsuň başynda esasy ýyldyzy Kilian Mbappeniň ýokluguny birjigem duýjaga meňzänok. PSŽ topary täze möwsüme diýseň şowly başlady. 1-nji tapgyrda «Le Hawr» toparyny myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňen parižliler 2-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Monpelieniň» derwezesinden gol baryny ýagdyrdy. 6–0 hasabynda ýeňiş gazanan PSŽ –niň gollaryny Nikola Barkola (4, 53), Asensio (24), Hakimi (58), Zair-Emeri (60) hem-de Li Kan (82) geçirdi. «Monakodan» asgyn gelen «Lion» bu tapgyrda-da ýeňlişe sezewar boldy.

**«Ligue 1»-de 2-nji tapgyryň netijeleri:** PSŽ— Monpelie: 6–0, Lion—Monako: 0–2, Lill—Anže: 2–0, Sent-Etien—Le Hawr: 0-2, Lans—Brest: 2–0, Strasbur—Renn: 3–1, Nant—Oser: 2–0, Nissa—Tuluza: 1–1, Marsel—Reýms: 2–2.

# Çempionlar Ligasyna gatnaşýan 36 klubuň ählisi hem belli boldy

**UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşjak toparlaryň ählisi belli boldy. Duşuşyklar diýseň çekeleşikli, aldym-berdimli ýagdaýda geçdi. Bir klub ilkinji gezek gatnaşsa, başga bir klub 19 ýyldan soň yklymyň iň uly klub ýaryşynda çykyş eder.**

Bir hepde öň Şweýsariýada «Ýang Boýzdan» 3-2 hasabynda utulan «Galatasaraý» Stambulda-da garşydaşyndan asgyn geldi. 1-0 hasabynda utulan türk klubunyň derwezesinden ýeke-täk goly 87-nji minutda Wirjinius geçirdi. Şol pursatda «Galatasaraýyň» derwezeçisi Muslera gyzyl kart aldy. «Galatasaraý» ýoluny Ýewropa Ligasynda dowam etdirer. Şweýsar kluby yzly-yzyna 2-nji, umumylykda-da 4-nji sapar bu ýaryşyň final tapgyryna adyny ýazdyrdy. Şunlukda, ýaryşda bu möwsüm türk kluby çykyş etmez.

**19 ÝYLDAN SOŇ**

● UEFA Çempionlar Ligasynyň pleý-off tapgyry Çehiýanyň paýtagty Praganyň «Sparta» topary üçin taryhy ýeňiş bilen tamamlandy. Mundan bir hepde ozal Şwesiýanyň «Malmö» toparyny myhmançylykda 2-0 hasabynda ýeňen «Sparta» şol hasap bilen Pragada hem ýeňiş gazandy. Çeh toparyna ýeňiş getiren gollary soňky 10 minutda Haraslin (80 p) bilen Rrahmani (83) geçirdi. Şunlukda, «Sparta Praga» topary 19 ýyldan soň UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy. «Sparta Praga» soňky gezek 2005/06 möwsüminde çykyş edipdi. Olar 8-nji gezek wekilçilik ederler.

Öz meýdançasynda 3-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Dinamo Zagreb» myhmançylykda-da Azerbaýjanyň «Garabag» toparyny ýeňdi. 2-0 hasabynda üstün çykan horwatlaryň gollaryny Pýasa (32) hem-de Silwa (53 ö.d.) geçirdi. «Dinamo Zagreb» 1 ýyllyk arakesmeden soň, 9-njy gezek bu ýaryşa gatnaşar.

Öz meýdançasynda 2-1 hasabynda ýeňiş gazanan Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary myhmançylykda Serbiýanyň «Srwena Zwezda» toparyndan 2–0 hasabynda utulyp, agza-burna gelen Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynyň bosagasyndan yzyna gaýtdy. Yzly-yzyna 2-nji, umumylykda 4-nji gezek gatnaşmaga hukuk gazanan serb toparynyň gollaryny Duarte (26 p) bilen Spaýiç (59) geçirdi.

**Taryhynda ilkinji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşar**

● Slowakiýanyň «Slowan Bratislawa» topary öz meýdançasynda Daniýanyň «Midtýullann» toparyny kynlyk bilenem bolsa 3-2 hasabynda ýeňdi. Myhmanlar 2-1 hasabynda öňe saýlansa-da, soňky 10 minutda 2 gol geçiren «Slowan» taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşar (Toliç 33, 82, Barsegýan 86 – Simsir 41, Džu 50). Bratislawalylar «Koşise», «Petražalka» hem-de «Žilina» toparlaryndan soň Slowakiýanyň adyndan Çempionlar Ligasyna wekilçilik etjek 4-nji klub bolar. Umumylykda bolsa belli hünärmen Wladimir Waýssyň tälimçiligindäki «Slowan Bratislawa» topary Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşýan 154-nji klub hökmünde hasaba alyndy.



Çempion däl toparlaryň arasynda-da myhmançylykda 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Red Bull Salsburg» topary Awstriýada Kiýewiň «Dinamosy» bilen deňme-deň oýnady. 1-1 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşykda ýer eýelerinden Dagim 12-nji minutda, kiýewlilerden bolsa Wanat 29-njy minutda tapawutlandy. «Red Bull Salsburg» bassyr 6-njy, umumylykda 7-nji gezek gatnaşýar.

Fransiýanyň «Lill» topary myhmançylykda Praganyň «Slawiýa» kluby bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Lill» 2-1 hasabynda ýeňilse-de (Zaferis 5, Şrans 84 – Žegrowa 77), Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy. 1-nji oýunda 2-0 hasabynda ýeňen «Lilliň» adyndan kosowoly Edon Žegrowa edil Fransiýadaky ýaly Çehiýada-da 77-nji minutda tapawutlanmagy başardy. «Lill» 2 möwsümlik arakesmeden soň 8-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşar. Taryhda ilkinji gezek bir möwsümde 4 fransuz kluby Çempionlar Ligasyna wekilçilik eder.

**Pleý-off tapgyrynyň jogap oýunlarynyň netijeleri:**

- «Galatasaraý» – «Ýang Boýz»: 0-1 (2-3)
- «Garabag» – «Dinamo Zagreb»: 0-2 (0-3)
- «Slowan Bratislawa» – «Midtýullann»: 3-2 (1-1)
- «Srwena Zwezda» – «Bude-Glimt»: 2-0 (1-2)
- «Sparta Praga» – «Malmö»: 2-0 (2-0)
- «Red Bull Salsburg» – «Dinamo Kiýew»: 1-1 (2-0)
- «Slawiýa Praga» – «Lill»: 2-1 (0-2)

Şeýlelikde, ilkinji gezek 36 klubuň gatnaşmagynda liga görnüşde geçiriljek UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsümdäki ähli topary hem belli boldy. Gatnaşýan 36 klub 16 ýurduň toparlary bolup, Germaniýadyr Italiýadan 5, Angliýadyr Ispaniýadan hem-de Fransiýadan 4 klub ýaryşa gatnaşar. Awstriýadan, Niderlandlardan hem-de Portugaliýadan 2, Belgiýadan, Horwatiýadan, Çehiýadan, Şotlandiýadan, Serbiýadan, ençeme ýyllardan soň Slowakiýadan, Şweýsariýadan hem-de Ukrainadan 1 klub wekilçilik eder.

Gatnaşýan toparlaryň 5-si UEFA Çempionlar Ligasynda ilkinji gezek özlerini synarlar. Şolaryň 2-si – «Aston Willa» bilen «Bolonýa» bu ýaryşyň irki ýyllarynda gatnaşypdy. «Slowan Bratislawa» ilkinji gezek bu ýaryşda çykyş etse, «Žirona» bilen «Brest» toparlary UEFA-nyň ýaryşlaryna ilkinji sapar wekilçilik edýärler.

Milan, Madrid, Lissabon şäherlerinden 2 klub ýaryşa gatnaşýar.

**1-nji torba:**

- «Real Madrid» (Ispaniýa), «Mançester Siti» (Angliýa), «Bawariýa» (Germaniýa), «Pari Sen-Žermen» (Fransiýa), «Liwerpul» (Angliýa), «Inter» (Italiýa), «Borussiýa Dortmund» (Germaniýa), «RB Leipsig» (Germaniýa), «Barselona» (Ispaniýa)

**2-nji torba:**

- «Baýer» (Germaniýa), «Atletiko Madrid» (Ispaniýa), «Atalanta» (Italiýa), «Ýuwentus» (Italiýa), «Benfika» (Portugaliýa), «Arsenal» (Angliýa), «Klub Brýugge» (Belgiýa), «Şahtýor Donesk» (Ukraina), «Milan» (Italiýa)

**3-nji torba:**

- «Feýenoord» (Niderlandlar), «Sporting» (Portugaliýa), «PSW Eýndhowen» (Niderlandlar), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa), «Red Bull Salsburg» (Awstriýa), «Lill» (Fransiýa), «Srwena Zwezda» (Serbiýa), «Ýang Boýz» (Şweýsariýa), «Seltik» (Şotlandiýa)

**4-nji torba:**

- «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa), «Monako» (Fransiýa), «Sparta Praga» (Çehiýa), «Aston Willa» (Angliýa), «Bolonýa» (Italiýa), «Žirona» (Ispaniýa), «Ştutgart» (Germaniýa), «Şturm Gras» (Awstriýa), «Brest» (Fransiýa)

# «Ýuwentusyň» täze transferleri

**Tälimçilige Tiago Mottany wezipä bellän we möwsüme şowsuz başlan «Ýuwentus» topary transfer möwsüminiň iň işjeň klublarynyň biri bolup, soňky 1 hepdäniň dowamynda 4 futbolçyny düzümine goşdy.**

Goja Sinýora lakamly klub ilki bilen «Milanyň» fransiýaly goragçysy Pier Kaluluny 1 ýyllyk şertnama bilen kärendesine düzümine goşdy. Turinliler şol bir ýyllyk kärende üçin «Milana» 3,3 million ýewro berer. Möwsümiň ahyrynda bolsa «Ýuwentus» Kaluluny 14+3 million ýewro töläp, ymykly transfer hem edip biler. 24 ýaşyndaky Kalulu «Milanda» 3 möwsümde «Serie A»-da 84 oýunda 3 gezek tapawutlandy.

«Ýuwentus» ýurduň başga bir topary «Fiorentinadan» argentinaly ýarymgoragçy Nikolas Gonzalesi hem düzümine goşdy. Turinliler 26 ýaşyndaky wingeri 1 ýyllygyna kärendesine transfer etdi. «Ýuwentus» kärende tölegi üçin florensiýalylara 8 million ýewro berer. «Ýuwentus» möwsümiň ahyrynda oýunçyny 25+5 million ýewro töläp, ymykly transfer etmek hukugyna hem eýe boldy. Argentinanyň milli ýygyndysynda 39 gezek meýdança çykan Gonzales «Fiorentinadan» öň «Ştutgart» hem-de «Argentinos Huniors» toparlarynda oýnapdy. Ol «Fiorentinada» 3 möwsümde 125 oýunda 38 gol geçirdi.

Turin şäheriniň wekiliniň başga bir kärendesine alan oýunçysy, portugaliýaly Fransişku Konseýsau boldy. «Ýuwentus» 21 ýaşyndaky oýunçy üçin Portugaliýanyň «Porto» klubuna kärende tölegi üçin 7+3 million ýewro tölär. 2022-nji ýylda «Aýaksa» transfer bolup, geçen tomusda-da yzyna, «Porto» toparyna dolanan Konseýsau bu klubda 43 oýunda 8 gol geçirdi. Fransişkunyň kakasy Seržio Konseýsau häzirki wagtda «Portonyň» tälimçisi bolup, ol Italiýada «Lasio», «Parma», «Inter» klublarynyň köýnekçelerini geýipdi.

«Ýuwentus» toparynyň 4-nji transferi «Atalanta» toparynyň niderland ýarymgoragçysy Týon Koopmeýners boldy. Turin şäheriniň wekili 26 ýaşyndaky oýunçy üçin «Atalanta» toparyna 55+6 million ýewro berer. Koopmeýners bilen baglaşylan şertnamanyň möhleti 5 ýyllyk bolup, ol täze klubunda ýylda azyndan 4,5 million ýewro hak alar. Koopmeýners «Atalantada» 3 möwsüm oýnap, 129 oýunda 29 gol geçirdi. Ol «Atalantadan» öň AZ toparynyň köýnekçesini geýipdi.

«Ýuwentus» kluby şu tomusda ady agzalan 4 futbolçydan öňem «Aston Willadan» braziliýaly ýarymgoragçy Duglas Luizi, «Nissadan» fransiýaly ýarymgoragçy Kefren Turamy, «Weronadan» kolumbiýaly goragçy Huan Kabraly, «Monzadan» italiýaly derwezeçi Miçele Di Gregoriany (kärendesine) düzümine goşupdy.

**9 ýyllyk oýunçysyny ugratdy**

● Şol bir wagtyň özünde «Ýuwentus» topary 9 ýyllyk futbolçysy Aleks Sandrony klubdan ugratdy. 33 ýaşyndaky çep gyraky goragçy öz watanyna dolandy. Ol «Flamengo» topary bilen 2026-njy ýylyň 31-nji dekabryna çenli şertnama baglaşdy. Aleks Sandro «Ýuwentusdan» öň «Porto», «Santos», «Atletiko Paranaense» klublarynyň köýnekçesini geýipdi. Aleks Sandro «Ýuwentusda» 327 oýunda 16 gol geçirdi.

Şeýle-de, «Ýuwentusyň» 21 ýaşyndaky italiýaly ýarymgoragçysy Fabio Miretti öňümizdäki möwsümi ýurduň başga kluby «Jenoada» kärendesine geçirer.

# Germaniýa EURO 2024-den ep-esli girdeji gazandy

● **Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionaty ýaryşy guraýjy Germaniýanyň ykdysadyýetine uly goşant goşdy. EURO 2024-iň Germaniýanyň ykdysadyýetine 7,4 milliard ýewrolyk girdeji gazandyrandygy UEFA tarapyndan habar berildi. «Nielsen Sports»-yň hasabatynda çempionatyň 10 şäher üçin 7, 4 milliard ýewrolyk ykdysady goşandynyň 90 göteriminiň petekleriň satuwyndan, şol sanda guramaçylaryň we akkreditasiýa bolanlaryň eden çykdajylaryndan gelendigi bellenilýär. Jemi 2,7 million petek satylyp, onuň 44 göterimi daşary ýurtlardan gelen janköýerlere degişlidir. Germaniýada geçirilen çempionatyň çäginde oýnalan 51 duşuşyga 2,7 million janköýer tomaşa edip, şolaryň 1,7 milliony azyndan bir duşuşyga gatnaşan ýeke-täk petegi bolan adamlardy. Satylan petekleriň 23 göterimi duşuşygyň geçirilýän şäherleriň ýaşaýjylary, 33 göterimi Germaniýanyň beýleki şäherleriniň raýatlaryndan ybarat bolup, 44 göterimide başga ýurtlardan gelen janköýerlerdir.**

**Şeýle-de, myhmanhanalar, şäheriçi we şäherara gezelenç, stadionyň daşyndaky iýmit satuwlary-da ýurduň ykdysadyýetine goşulan 7,4 milliard ýewrolyk girdejiniň belli bir bölegini emele getirýär. Galybersе-de, umumylykda media ulgamynda-da 571 million ýewro möçberinde mahabatlar görkezildi.**

Ygtyýarnama: 1-15-24-147

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň «Ykdysadyýet we biznes mekdebi» döwlet kärhanasy 2024/2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar boýunça gysga möhletli okuwlara kabul edýändigini**

**YGLAN EDÝÄR**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý |
| 2 | Iňlis dili | 4 aý |
| 3 | Rus dili | 3 aý |
| 4 | Nemes dili | 3 aý |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý |
| 6 | Matematika | 3 aý |
| 7 | Suratkeş | 6 aý |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 5 aý |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý |
| 17 | Tokar | 5 aý |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý |
| 20 | Amaly psihologiýa | 3 aý |

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär.*

*Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*

*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*

*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*

*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*

*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 28-18-50.**

# TRANSFER TÄZELIKLERI

**«Komo» hem «Barselonadan», hem-de «Real Madridden» oýunçy aldy**

● Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň täze toparlaryndan, 23 ýyldan soň ýokary liga çykan «Komo» düzümini güýçlendirmegini dowam edýär. Sesk Fabregasyň tälimçiligindäki topar «Barselona» bilen şertnamasy tamamlanan Serži Robertony düzümine goşdy. 32 ýaşyndaky ýarymgoragçy italýan kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Roberto katalonlaryň düzüminde 479 oýna gatnaşyp, şolarda 26 gol geçirdi, 46 gezek asist etdi.



Şeýle-de, «Komo» topary «Barselonanyň» köne bäsdeşi «Real Madridden» hem bir futbolçyny aldy. «Komo» topary «Real Madridiň» 19 ýaşly ýarymgoragçysy Niko Pas bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Real Madrid» bu transferden 6 million ýewro alar. Şol sanda ispan topary oýunçyny islendik wagty yzyna transfer etmek hem-de onuň indiki satuwyndan 50 göterim tölegini almak hukuklaryna-da eýe boldy. «Komo» Roberto we Pasdan öň Andrea Belotti, Rafael Waran, Pepe Reina, Alberto Moreno, Alberto Dossena ýaly oýunçylary hem transfer etdi.

**«Al Hilal» «Mançester Sitiniň» ýyldyzyny transfer etdi**

● «Mançester Siti» topary soňky ýyllarda başga klublara kärendesine berýän portugaliýaly futbolçysy Žoao Kanselony ymykly klubdan ugratdy. 30 ýaşyndaky çep-sag gyraky goragçy Saud Arabystanynyň «Al Hilal» toparynyň düzümine goşuldy. Bu transfer üçin arap kluby iňlis toparyna 25 million ýewro berer. 3 ýyllyk şertnama baglaşan Kanselo ýylda 15 million ýewro hak alar. «Benfikada» futbola başlan Kanselo «Walensiýa», «Inter», «Ýuwentus», «Bawariýa» hem-de «Barselona» klublarynyň köýnekçesini geýdi. Ol «Mançester Sitide» 3,5 möwsüm çykyş etdi. Kanselo täze toparynda 27-nji belgili köýnekçäni geýer.

**Bu gezek Saud Arabystanyndan oýunçy transfer edildi**

● Soňky ýyllarda ýyldyz oýunçylary transfer edýän Saud Arabystanynyň klublary bu gezek bir oýunçysyny transfere ugratdy. Soňky çempion «Al Hilal» toparynyň goragçysy Saud Abdelhamid Italiýanyň «Roma» klubunyň düzümine goşuldy. Rimliler 25 ýaşyndaky oýunçyny 2,5 million ýewro transfer edip, onuň bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdylar. Ol Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda çykyş etjek ilkinji Saud arabystanyly futbolçy bolar. «Romada» 12-nji belgide oýnajak Abdelhamid «Al Hilalda» 121, «Al Ittihadda» 96 gezek meýdança çykdy.

**Türkiýeli oýunçy «Premier Ligada» çykyş eder**

● Angliýanyň çempionaty «Premier Liganyň» wekili «Braýton» topary Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparynyň çep gyraky goragçysy Ferdi Kadyogluny 30+5 million ýewro transfer etdi. Iňlis kluby 24 ýaşyndaky türkiýeli futbolçy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol Türkiýäniň çempionatyndan transfer bolan iň gymmat futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Kadyogly geçen möwsümde çempionatda 37 oýunda meýdança çykdy.

**Hames Rodriges «La Liga» dolandy**

● Kolumbiýaly belli futbolçy Hames Rodriges ýene-de Ýewropa, has takygy, Ispaniýa dolandy. 33 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy «La Liganyň» wekillerinden «Raýo Wallekano» bilen erkin agent ýagdaýynda şertnama baglaşdy. Geçen möwsümi Braziliýanyň «Sao Paulo» toparynda geçiren Hames Rodriges Kolumbiýanyň «Enwigado», Argentinanyň «Banfild», Portugaliýanyň «Porto», Fransiýanyň «Monako», Ispaniýanyň «Real Madrid», Germaniýanyň «Bawariýa», Angliýanyň «Ewerton», Kataryň «Al Raýýan» hem-de Gresiýanyň «Olimpiakos» klublarynyň köýnekçesini geýdi. Ol klublarda 507 oýunda 131 gol geçirdi. Esasan hem, milli ýygyndydaky başarnygy bilen öňe saýlanan Rodriges Kolumbiýanyň düzüminde 106 duşuşykda 28 gezek tapawutlandy.

**Toparyny çalyşsa-da, köýnekçesiniň reňki üýtgemedi**

● Italýan kluby «Atalanta» topary geçen möwsümi «Interde» geçiren kolumbiýaly sag gyraky oýunçy Huan Kuadradony erkin agent ýagdaýynda transfer etdi. Başgaça aýdylanda, Kuadrado täze möwsümde-de şol bir reňkdäki köýnekçäni geýer, ýöne bu gezek başga bir klubuň düzüminde, gökgara reňkli başga bir klubda çykyş eder. 36 ýaşyndaky futbolçy bergamolylar bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Kuadrado karýerasy boýunça «Udineze», «Leççe», «Fiorentina», «Çelsi», «Ýuwentus» hem-de «Inter» klublarynyň köýnekçesini geýdi.

● Londonyň «Arsenal» topary Ýewropanyň çempiony, ispaniýaly ýarymgoragçy Mikel Merinony transfer etdi. «Arsenal» topary bu transfer üçin «Real Sosiedad» klubuna 32+5 million ýewro tölär. «Arsenal» bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşan 28 ýaşyndaky Merino «Osasuna», «Borussiýa Dortmund» hem-de «Nýukasl» klublarynda hem oýnapdy. Merino geçen möwsüm «Real Sosiedadda» 45 oýunda 8 gol geçirdi.

● Italiýanyň «Milan» topary fransiýaly ýarymgoragçysy Ýasin Adlini «Fiorentina» toparyna kärendesine goýberdi. Florensiýa şäheriniň wekili 24 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. Onuň kärende tölegi üçin «Fiorentina» «Milana» 1,5 million ýewro berer. «Fiorentina» topary möwsümiň ahyrynda-da 10,5 million ýewro berip, Adlini 4 ýyllyk şertnama bilen ymykly düzümine goşup biler.